TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– WATAN – BU ŞÖHRATLY PEDERLERIMIZIŇ IŇ GYMMATLY MIRASYDYR.
ONUŇ GORAGYNDA SAK DURMAK HER BIR TÜRKMEN PERZENDI ÜÇIN
MUKADDES BORÇDUR, BELENT MERTEBEDIR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

4-nji aprel, 2025. Belgisi 14/1632

# HALKYMYZYŇ ASUDA WE BAGTYÝAR DURMUŞY ÜPJÜN EDILÝÄR



*2-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy, şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, Watanymyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Watan goragçylarynyň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ýokary hünärli gullukçylary taýýarlamak boýunça geçirilýän işler barada aýdyldy. Şeýle-de çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmagyň we harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyň barşy barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimiziň goranmak ukybyny pugtalandyrmak, Ýaragly Güýçlerimiziň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmak we harby gulluga çagyrmak bilen baglanyşykly meselelere ünsi çekip, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine bu işleriň guramaçylykly ýerine ýetirilmegini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Baş prokuror B.Muhamedow ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak boýunça döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň berjaý edilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem sanly ulgamy giňden ulanmak we prokuratura edaralarynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen görülýän çäreler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunylygy we hukuk tertibini pugtalandyrmagy hemişe üns merkezinde saklamagyň möhümdigini aýdyp, Baş prokurora kanunlaryň ýerine ýetirilişine prokuror gözegçiligini netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzüminiň şu ýylyň birinji çärýeginde ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işini kämilleşdirmek boýunça alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle hem ministrligi ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi, şol sanda hasabat döwründe açylyp ulanmaga berlen desgalar barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbitleriniň goralmagyny, ýol hereketiniň kadalarynyň berjaý edilişine, ýangyn howpsuzlygy bilen bagly meselelere berk gözegçilik edilmegini ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda belledi we ministre anyk tabşyryklary berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew 2025-nji ýylyň ýanwar–mart aýlarynda ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, kazyýet işini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak boýunça görlen çäreler, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kazyýet edaralary tarapyndan kanunylygy, adalatlylygy, hukuk tertibini üpjün etmek boýunça alnyp barylýan kazyýet önümçilik işlerini netijeli dowam etdirmegiň möhümdigini aýtdy hem-de Ýokary kazyýetiň ýolbaşçysyna milli kazyýet ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek, ulgamyň işgärleriniň hünärlerini ýokarlandyrmak boýunça zerur işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew hasabat döwründe döwletimiziň milli bähbitlerini goramak, ýurdumyzda durnuklylygy we abadançylygy üpjün etmek boýunça geçirilen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklarynyň, ýolbaşçylyk edýän edarasyny ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada aýtdy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Milli howpsuzlyk ministrliginiň üstüne ýüklenen wezipäniň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz öňde durýan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin beýleki hukuk goraýjy edaralar bilen sazlaşykly işlemegiň wajypdygyny belläp, ministrligiň ýolbaşçysyna birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, Watanymyzyň serhetlerini goramak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de serhet galalaryny döwrebaplaşdyrmagyň, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň barşy barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, dost-doganlygyň serhedi bolup durýan döwlet serhediniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmegiň möhüm wezipeleriň biri bolup durýandygyny nygtady. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy harby gullukçylaryň gullugy we ýaşaýyş-durmuşy üçin oňaýly şertleri döretmek, serhet goşunlaryny has-da döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň wajypdygyny aýdyp, gullugyň ýolbaşçysyna degişli tabşyryklary berdi.

Adalat ministri M.Taganow şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetirilen işler, şol sanda ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak babatda görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, hukuk ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň möhüm ugurlaryna ünsi çekdi hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalaryny yzygiderli seljermek, milli kanunçylygy döwrüň talabyna laýyk getirmek boýunça ýerine ýetirilýän işleriň ähmiýetini belläp, ministre bu babatda degişli görkezmeleri berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň jemleri hem-de işiň döwrebap usullaryny we iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, gullugy ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilişiniň barşy, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gümrük serhedinden geçirilýän ýüklere we ulag serişdelerine hereket edýän halkara kadalara, milli kanunçylygyň düzgünlerine laýyklykda gümrük gözegçiligini ýerine ýetirmegiň möhümdigini belläp, gümrük nokatlarynyň işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow şu ýylyň birinji çärýeginde ýolbaşçylyk edýän düzüminiň ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, edaranyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, gullugyň işine döwrebap usullary we tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, migrasiýa ulgamynda kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak bilen baglanyşykly meseleleri hemişe üns merkezinde saklamagyň zerurdygyna ünsi çekdi we birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi jemläp, Türkmenistanyň goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini we bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Ulag pudagynda raýat awiasiýasynyň ösüşi



**Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda, Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginde ýerleşen Türkmenistan gysga taryhy döwürde dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmak, halkara hyzmatdaşlygyň düýbünden täze ugurlaryny işläp taýýarlamak babatda gymmatly tejribeleri toplady. Ýurdumyzyň ulag-logistika ýaly geljegi uly ugurda BMG bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmegi dünýä ykdysadyýetiniň ähliumumylaşmagy bilen baglanyşyklydyr.**

**Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzyň ulag-kommunikasiýa infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar.** 2

## PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – YKDYSADY ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

Häzirki zaman dünýäsinde parahatçylyk we ynanyşmak durnukly ösüşiň esasy şertleri bolup durýar. Sebitara hyzmatdaşlyk bolsa bu şertleriň durmuşa geçirilmeginde aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi döwletleriň özara bähbitli gatnaşyklarynyň ösmegi diňe bir ykdysadyýetiň durnuklylygyny üpjün etmän, eýsem, halkara derejede syýasy, durmuş ugurly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna hem ýardam berýär. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatda eden çykyşynda şeýle belledi: «Biz parahatçylygyň, ynanyşmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitleriň ykdysady hyzmatdaşlygyň esasyny düzmelidigine ynanýarys. Islendik iri ykdysady, üpjünçilik, söwda we maýa goýum taslamalary diňe durnuklylyk hem-de birek-birege ynam bolan ýagdaýynda üstünlikli bolup biler». Mälim bolşy ýaly, sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk söwda, energetika, ulag, ekologiýa ýaly ugurlarda bilelikdäki taslamalary öz içine alýar. Bu ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek diňe bir ykdysady ösüşe ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, ýurtlaryň arasyndaky ynanyşmak dialogyny hem pugtalandyrýar. Türkmenistan halkara gün tertibiniň möhüm meseleleriniň çözgütlerini işläp taýýarlamaga jogapkärçilikli çemeleşip, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen umumy tagallalara işjeň gatnaşýar. Şunda üstaşyr ulag geçelgeleriniň, energetika howpsuzlygynyň döwrebap ulgamynyň döredilmegi ýurdumyz üçin ileri tutulýan ugurlaryň hataryna girýär.



Türkmenistan parahatçylyk we ynanyşmak ideýasyny gönüden-göni ykdysady ösüş bilen baglanyşdyrýar. Şoňa görä-de, şu ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ykdysady hyzmatdaşlyga güýçli itergi bermelidir diýip, Gahryman Arkadagymyz maslahatyň münberinden eden çykyşynda belledi. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň hemişelik bitaraplyk syýasatyny, «Açyk gapylar» ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmek bilen, netijeli hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklady. 3

## Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer sahawaty



**Ösüp gelýän nesil baradaky alada Türkmenistanyň halkara kadalara hem-de halkymyzyň belent ynsanperwerlik ýörelgelerine laýyklykda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.**

**Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda, 2021-nji ýylyň mart aýynda Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi. Häzirki wagtda milli we daşary ýurt walýutasynda açylan bank hasaplaryna kömege mätäç çagalara goldaw bermäge gyzyklanma bildirýän adamlardan gelip gowuşýan serişdeleriň möçberleri barha artýar.** 3

## «Tesla» Saud Arabystanynyň bazarynda

**Amerikanyň öňdebaryjy elektroulag öndürijisi «Tesla» 10-njy aprelde Saud Arabystanynda resmi taýdan satuwa başlamaga taýynlyk görýär.** 4



## Hoşboý ysly gülgün şerbet

**Ýakymly ysly otlaryň biri bolan reýhandan taýýarlanýan şerbet hoşboý ysy we saglyga peýdalydygy bilen tapawutlanýar.** 5



## Iň uly miwe

**Dünýäde 2 müňden gowrak miwe görnüşi bar. Olaryň iň ulusy jekfrut hasaplanýar. Tutlar maşgalasyna degişli bolan bu agaç tropik sebitlerde ösdürilip ýetişdirilýär.** 5



## 4 altyn medalyň 3-sini ýer eýeleri gazandy

**Figuralaýyn typmak boýunça ABŞ-da geçirilen Dünýä çempionatynda ýerli türgenler öňe saýlandy.** 7





# KÖPUGURLY TÜRKMEN-SAUD GATNAŞYKLARY ÖSDÜRILÝÄR

Söhbetdeşler mähirli salamlaşyp, birek-biregi mukaddes Oraza baýramy bilen gutladylar hem-de bu mübärek aýda tutulan orazalaryň, edilen ybadatlaryň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny arzuw etdiler.

Myhman mümkinçilikden peýdalanyp, Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Saudyň we Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saudyň iberen salamyny hem-de iň gowy arzuwlaryny ýetirdi we Saud Arabystanynda Türkmenistanyň ähli ulgamlarda gazanýan üstünliklerine ýokary baha berilýändigini belledi. Şeýle-de myhman Aşgabadyň gözel binagärlik keşbiniň, onuň bagy-bossanlyga bürenen seýilgähleriniň özünde ýakymly täsirleri galdyrandygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Sauda hem-de Patyşa maşgalasynyň agzalaryna salamyny beýan etdi. Milli Liderimiz dostlukly ýurduň döwlet ministriniň şu gezekki saparynyň üstünlikli geçmegini arzuw edip, onuň netijeleriniň köpugurly türkmen-saud gatnaşyklaryny has-da ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Saud Arabystany Patyşalygynyň arasyndaky döwletara gatnaşyklar açyklyk, özara hormat goýmak, ynanyşmak häsiýeti bilen tapawutlanýar. Ýurtlarymyz syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunuň bilen baglylykda, söhbetdeşler ýangyç-energetika, söwda, maýa goýum, ulag-aragatnaşyk, himiýa we dokma senagaty, oba hojalygy pudaklaryny söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda belläp, şu babatda bar bolan mümkinçilikleri doly ulanmagyň zerurdygyny nygtadylar.

*2-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri, Ministrler Kabinetiniň agzasy Emir Turki bin Mohammed Al Saud bilen duşuşdy.*

Ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn derejede däl, eýsem, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň we Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunuň bilen baglylykda, halkara syýasatyň möhüm meseleleri, hususan-da, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek babatda iki döwletiň garaýyşlarynyň meňzeşdigi ýa-da ýakyndygy kanagatlanma bilen bellenildi. Munuň özi halkara giňişlikde utgaşykly hereket etmek üçin wajyp şert bolup hyzmat edýär. Mundan başga-da, söhbetdeşler parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny bellediler. Kanun çykaryjylyk ulgamynda tejribe alyşmak we parlament wekilleriniň arasynda iş gatnaşyklaryny ýola goýmak dowam edip gelýän hyzmatdaşlygy täze mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam berer.

Gahryman Arkadagymyz medeni-ynsanperwer ulgamy türkmen-saud gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda belläp, Türkmenistanyň bu ugurda iki doganlyk halky ýakynlaşdyrmaga hyzmat etjek anyk işleri durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri, Ministrler Kabinetiniň agzasy Emir Turki bin Mohammed Al Saud netijeli gatnaşyklaryň iki ýurduň doganlyk halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

* * *

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Katar Döwletiniň Olimpiýa Komitetiniň prezidenti Şeýh Joaan bin Hamad Al Tani bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda Olimpiýa hereketini ösdürmäge we sport babatda hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge degişli meselelerde pikir alşyldy.

## Sportuň çagalara peýdasy

Tehnologiýanyň ösmegi fiziki zähmeti ýeňilleşdirip, oňyn täsirini ýetirýär. Şeýle-de bolsa, bu ýagdaý hereketsizlige hem sebäp bolýar. Bu ýagdaý çagalara hem degişlidir. Çagalar telewizora, el telefonlaryna we beýleki elektron enjamlara has köp wagt sarp edýärler. Sport bilen meşgullanmak çagalaryň günüň dowamynda geçirýän hereketsiz wagtynyň azalmagyna, fiziki we ruhy taýdan sagdyn ösmegine getirýär. Bilermenler çaganyň



höwesine görä kiçi ýaşlardan haýsydyr bir sport görnüşine ugrukdyrmagyň onuň ösüşine täsir etjekdigini belleýärler. Sport bilen meşgullanýan çaga kadaly ösýär. Sport bilen meşgullanylanda ýerine ýetirilýän hereketler adamyň derlemegine we der arkaly bedenindäki zyýanly maddalaryň bölünip çykmagyna getirýär. Şeýle hem çaga ajygýar we ýadaýar. Bu bolsa onuň işdäsiniň açylmagyna, gijesine rahat uklamagyna sebäp bolýar. Okuwdan daşary sport bilen meşgullanýan çaga deň-duşlary bilen duşuşyp, täze dostlar tutunýar. Bilermenleriň bellemegine görä, sport çaganyň mekdepdäki ýetişigine hem goşant goşýar.

**Göwher ÖWEZOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň mugallymy.*

## Dabarada robot piller ulanylar

Hindistanda däp bolan baýramçylyklarda pilleri hem görmek bolýar. Dünýäde gury ýerde ýaşaýan iň uly jandarlar ýuwaş we adamyň ýakyn dosty hasaplanýar. Bu baýramçylyklarda robot pilleriň ulanyljakdygy mälim edildi. Bu täzeçil usul arkaly nesli azalýan jandarlaryň goralyp saklanmagy maksat edinilýär.



Dabaralarda köp ýagtylygyň, köpçüligiň we galmagalyň bolmagy pilleri aljyradyp bilýär. Şol sebäpli kauçukdan we aýnadan öndürilen robot piller işlenip taýýarlandy. Hakyky pile örän meňzeş bolan bu robotlaryň gulaklary, holtumy we gözi oýnaýar. Ýurtda öýdeçi hasaplanýan 2 müň 700 töweregi piliň bardygy bellenilýär. Ýer ýüzünde 50 müňden gowrak Aziýa piliniň bardygy çaklanylýar. Bilermenler robot pilleriň ulanylmagynyň pilleriň sanynyň artmagyna getirjekdigine ynanýarlar.

**Ogulmaral SÄHETMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## «Forbesiň» täze sanawy

Işewürlik dünýäsine degişli habarlary ýaýradýan «Forbes» neşiri milliarderleriň sanawyny taýýarlady. Sanawa girenleriň umumy baýlygynyň 16,1 trillion dollara ýetendigi mälim edildi. Bu ýylky sanawa girenleriň sany geçen ýylkydan 247 sany köpelip, ilkinji gezek 3 müňden geçipdir. Olaryň ähli baýlygy bolsa, geçen ýyldakydan 2 trillion dollar köpelip, 16,1 trillion dollara ýetipdir. Bu görkezijiniň dünýäde ABŞ-dan we Hytaýdan beýleki islendik ýurduň jemi içerki önüminden köpdügi mälim edildi. Belli işewür Ilon Mask 342 milliard dollary bilen birinji orny eýeläpdir. Mark Zukerberg 216 milliard dollarlyk baýlygy bilen ikinji, 215 milliard dollarlyk baýlygy bolan Jeff Bezos üçünji bolupdyr.

ABŞ iň köp milliarderiň (902 sany) ýaşaýan ýurdy bolmagynda galdy. Bu ugurda Hytaý (516 sany) we Hindistan (205 sany) ilkinji üçlüge girdi. Sany 406-a ýeten zenan milliarderler umumy sanawyň 13,4 göterimini emele getiripdir. ABŞ-nyň bölek söwda kompaniýasy bolan «Walmart»-yň mirasdüşeri Alis Wolton 101 milliard dollar baýlygy bilen dünýäniň iň gurply zenany bolupdyr. Milliarderleriň ortaça ýaşy 66 bolup, iň garrysy 103, iň kiçisi 19 ýaşly.

**Aýroza HUDAÝBERGENOWA,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.*

## Ulag pudagynda raýat awiasiýasynyň ösüşi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Munuň özi Türkmenistanyň halkara ähmiýetli iri ulag ýollarynyň çatrygy hökmünde eýeleýän ornuny pugtalandyrýar.

Ulag diplomatiýasynyň hukuk esaslaryny berkitmekde, döwletimiziň ulag pudagynyň mümkinçiliklerini has-da pugtalandyrmakda raýat awiasiýa pudagyna hem möhüm orun degişlidir. Ýurdumyzyň howa menzilleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, täze howa menzillerini gurmak we ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek işleriniň çäklerinde gysga döwrüň içinde Türkmenbaşy hem-de Türkmenabat şäherlerinde, Aşgabatda ýokary derejede enjamlaşdyrylan, dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän Halkara howa menzilleri işe girizildi. Lebap welaýatynyň Kerki şäherinde Halkara howa menziliniň ulanmaga berlendigine köp wagtyň geçmändigine garamazdan, Balkan welaýatynda ýene-de bir döwrebap howa menziliniň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda dowam edýär. Munuň özi ýurdumyzda ýolagçy gatnatmak we ýük daşamak meseleleriniň oňyn çözgüdine gönükdirilen işleriň netijeli häsiýete eýedigini alamatlandyrýar.



Ýakynda Gahryman Arkadagymyz Jebel şäherçesinde täze Halkara howa menzilinde alnyp barylýan giň möçberli gurluşyk işleri bilen tanyşdy. Saparyň çäklerinde gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan Halkara howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynda uçaryň synag gonuşy amala aşyryldy. Üstünlikli geçen synag gonuşy bu menziliň uçuş-gonuş zolaklarynyň dünýä standartlaryna laýyk gelýändigini aýdyňlygy bilen äşgär etdi.

Şeýlelikde, Jebel şäherçesindäki täze Halkara howa menziliniň taslamasynyň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň sebit we yklym ähmiýetli möhüm ulag-logistika merkezi hökmünde eýeleýän ornuny has-da pugtalandyrar. Munuň özi Türkmenistanyň dünýäniň ulag ulgamyna üstünlikli goşulyşmagyny üpjün eder.

**Güljahan HOJAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasynyň mugallymy.*

## Döwletmämmet Azadynyň eserleri – terbiýe mekdebi

Dünýä medeniýetinde möhüm orun eýeleýän türkmen halkynyň baý medeniýeti, dünýä nusgalyk ruhy mirasy bar. Häzirki täze döwür türkmen medeniýetiniň galkynan, täze sepgitlere, ruhy ösüşe, halkara giňişliginde belent at-abraýa eýe bolýan ajaýyp zamanasydyr. Halkymyzyň taryhy kökleri müňýyllyklara uzaýan edebi hem ruhy gymmatlyklaryny täzeden dikeltmekde we dünýä ýaýmakda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Milli mirasymyzy döwrebap röwüşde baýlaşdyrmak we çuňňur öwrenmek ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň wekilleriniň, ýazyjy-şahyrlarynyň hem-de sungat işgärleriniň öňündäki iň derwaýys wezipeleriň biridir.



Şunuň bilen baglylykda, medeniýetde, sungatda, edebiýatda yz goýan meşhur şahsyýetlerimizi giňden öwrenmek hem-de olaryň döredijiligini wagyz etmek babatda degişli işler alnyp barylýar. Türkmen halkynyň baý edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri, akyldar hem-de pelsepeçi şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň kyblasy Döwletmämmet Azadydyr. Azadynyň edebi mirasy giňden öwrenilýär. Şu nukdaýnazardan, üstümizdäki ýylda Döwletmämmet Azadynyň doglan gününiň 330 ýyllygy mynasybetli ylmy-döredijilik maslahatlary geçirmek göz öňünde tutulýar.

XVIII asyryň görnükli şahyry Döwletmämmet Azadynyň döreden «Wagzy-Azat» eserinde ahlak terbiýesine degişli örän ýerlikli pikirler öňe sürülýär. Bu poema Azadynyň döredijiliginiň naýbaşy bolmak bilen, bütin türkmen nusgawy edebiýatynyň taryhynyň hem ägirt uly eserleriniň biridir.

Azady adamlaryň bilimli bolmagyny isleýär. Ylym öwrenenleriň bolsa ussadyny, mugallymyny hormatlamalydygyny aýdýar. Gürrüňleşilip durlan wagty, ussadyň sözüni bölmeli däldigini, mugallymy eziz görmelidigini, onuň sarpasyny belent tutmagy şahyr çuň manyly sözleri bilen belleýär.

Azady hemişe halkyň jümmüşinde ýaşap, hemişe halkyň hyzmatynda bolupdyr. Şonuň üçin halk şahyry tüýs ýürekden söýüpdir, ony goldapdyr. Döwletmämmet Azada baha berip, rus alymy A.Samoýlowiç: «Türkmenleriň arasynda Magtymgulynyň atasynyň mertebesinde goýar ýaly bir alym adam hem ýokdur» diýip, örän jaýdar belleýär.

Şahyryň türkmen nusgawy edebiýatynyň, filosofik we jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň ösüş taryhynda bitiren hyzmatlary diňe şular bilen çäklenmeýär. Ol türkmen şahyrlarynyň kemala gelmegine hem öz täsirini ýetiripdir. Ogly Magtymgulynyň, ýegeni Gurbandurdy Zeliliniň, ussat şahyr bolup ýetişmeklerinde onuň ýakyndan alada edendigini bellemek bolar.

**Amansoltan MEREDOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Agzybirligi we jebisligi pugtalandyrýan halkara sene

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedenterbiýe-sagaldyş hereketi gün-günden giňelýär, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýänleriň sany barha artýar. Munuň özi sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak boýunça Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly işleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýändiginiň aýdyň beýanydyr.



Dünýä jemgyýetçiligi bilen bilelikde bellenilýän Bütindünýä saglyk güni agzybirligi we jebisligi pugtalandyrmakda, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini işjeň ornaşdyrmakda, bedenterbiýäni we sporty wagyz etmekde möhüm ähmiýete eýedir. Bütindünýä saglyk güni mynasybetli ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýe çärelerini geçirmek asylly däbe öwrüldi. Oňa talyp ýaşlar, dürli pudaklaryň işgärleri, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri işjeň gatnaşýarlar. Bedenterbiýe-sport, sagdyn durmuş we medeni maksatly geçirilýän çäreler jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini işjeň ornaşdyrmakda, ösüp gelýän ýaş nesli sport bilen meşgullanmaga giňden çekmekde, raýatlarymyzyň beden saglygyny berkitmekde, adamyň ömrüniň dowamlylygyny uzaltmakda uly ähmiýete eýedir.

Ýurdumyzda ynsan saglygy döwletimiziň baş baýlygydyr. Bu ugurda alnyp barylýan syýasatyň maksady halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda köpçülikleýin bedenterbiýe we Olimpiýa hereketiniň, sportuň ösdürilmegine, bu ugra ilatyň, esasan-da, ýaşlaryň işjeň çekilmegine uly üns berilýär. Halkymyzyň, şol sanda ýaş nesliň saglygyny goramak we berkitmek Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň esasy şertleriniň biridir. Şunuň bilen baglylykda, köpçülikleýin bedenterbiýäni, ýokary netijeli sporty hemmetaraplaýyn ösdürmäge zerur üns berilýär. Aýratyn-da, sportuň ekologiýa taýdan arassa görnüşi hasaplanýan welosipedli ýörişleriň guralmagy ähmiýetlidir. Bedenterbiýe bilen meşgullanmak ýaşlarda şahsy häsiýetiň döremegini, tutanýerliligi, erki, zähmetsöýerligi, birek-birege bolan oňyn gatnaşyklary, durmuş işjeňligini ösdürýär. Bu bolsa jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmeginiň baş şertini emele getirýär.

**Serdar GOŞAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Daşoguz welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

## Arassa agyz suwy – sagdynlygyň möhüm şerti

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan çalt depginlerde ösdürmekde uly üstünlikler gazanylýar. Döwrebap tehnologiýaly önümçilik kuwwatlyklary işe girizilýär. Medeni-durmuş maksatly binalaryňdyr desgalaryň gurluşygynda uly işler bitirilýär. Döwlet Baştutanymyz ilatyň ýokary hilli arassa agyz suwy bilen üpjün edilmegi ugrunda wajyp wezipeleri öňde goýýar. Il-gün bähbitli şol wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy halkymyzyň arassa agyz suwy bilen has doly üpjünçiligine mümkinçilik açýar.



Golaýda ýurdumyzyň welaýatlarynda ulanmaga berlen agyz suw we häzirki zaman lagym arassalaýjy desgalaryň ulanmaga berilmegi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ýakymly wakalarynyň üstüni ýetirdi.

Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Duşak şäherçesiniň Şükür bagşy obasynda kuwwaty bir gije-gündizde 10 müň kub metr lagym suwuny arassalamaga mümkinçilik berýän desga, Gyzylarbat etrabynyň merkezinde her gije-gündizde Garagum derýasyndan alynýan suwuň 30 müň kub metrini arassalap, 60 müňe barabar ilaty bolan Gyzylarbat şäherindäki hojalyklara paýlaýan täze desga, Tagtabazar etrabynyň Serhetabat şäherinde her gije-gündizde 20 müň kub metr agyz suwuny arassalaýjy desga bir günde ulanmaga berildi. Täze desgalaryň ählisiniň gurluşyklarynyň ýerli hususy kärhanalar tarapyndan ýerine ýetirilendigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Munuň özi hususy pudagyň wekilleriniň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan özgertmek boýunça maksatnamalaryň durmuşa geçirilişine işjeň gatnaşýandyklaryny görkezýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» bellenen wezipeleriň çäklerinde soňky ýyllarda ýurdumyzyň ähli sebitlerinde dünýäniň önüm öndürijileriniň iň kämil enjamlary ornaşdyrylan döwrebap suw desgalarynyň yzygiderli ulanmaga berilmegi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan beýik işleriň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

**Muhammet KARLYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Talyp ýaşlaryň arasynda spartakiada geçirilýär

Ýurdumyzda her ýylyň mart-aprel aýlarynda «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» ady bilen spartakiada geçirilýär. Ony Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň milli merkezi we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi guraýarlar.



Spartakiada köpçülikleýin sporty ösdürmek we Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe adamlaryň saglygyny berkitmek hem-de sporta bolan söýgini has-da ösdürmek maksady bilen geçirilýär.

Spartakiadanyň çäklerinde woleýbol, basketbol, ýüzmek, ýeňil atletika, stoluň üstünde oýnalýan tennis, tennis, milli göreş we küşt ýaryşlary guralýar.

Üstümizdäki ýylda «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly XIV Spartakiada geçirilip, talyp ýaşlar sportuň dürli ugurlaryndan özara bäsleşýärler. Ýaryşyň esasy maksady sagdyn durmuş ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmakdan ybaratdyr.

Şeýle hem her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni mynasybetli ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz edýän dürli baýramçylyk çäreleri geçirilýär. Bu çärelere ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri – talyp ýaşlar hem işeňňir gatnaşýarlar. Baýramçylyk çäreleriniň dowamynda sportuň dürli görnüşleri, şol sanda milli sport oýunlary boýunça ýaryşlar, şeýle hem konferensiýalar, brifingler we ylmy-maslahatlar geçirilýär.

**Ahmet EÝEBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Sport – saglygyň gözbaşy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ykdysadyýet, syýasat, ylym-bilim, medeniýet-sungat, saglygy goraýyş we sport ulgamy günsaýyn ösýär, özgerýär. Ata Watanymyzda ýaşlaryň bilimini ýokarlandyrmaga, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge hem-de döredijilik bilen meşgullanmaga ähli mümkinçilikler döredilen. Bu mümkinçiliklerden netijeli peýdalanýan ýaşlarymyz sportuň dürli görnüşlerinde uly üstünliklere eýe bolup, döwlet hem-de halkara derejede geçirilýän ýaryşlarda ýokary netijeler görkezýärler we baýrakly orunlara mynasyp bolup, ýurdumyzyň sport abraýyny barha belende göterýärler.



Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bedenterbiýe we sport ulgamyny ösdürmek ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda geçirilýän halkara sport ýaryşlary Watanymyzyň dünýä derejesinde abraýynyň ýokarlanmagyna uly goşant goşýar. Sagdyn bedenli ýaşlary ýetişdirmek üçin ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda köpugurly stadionlar, bedenterbiýe, sagaldyş we suw toplumlary, sport mekdepleri we beýleki desgalar gurlup ulanylmaga berilýär.

Ýurdumyzda bedenterbiýe we sport hereketi ýokary derejelere ýetdi. Sport ulgamynyň ösmegine we ýurdumyzyň ýaşyl Tugunyň dünýäde belentde parlamagyna giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Kamila MARAWAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 4-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116055
Belgisi: 14/1632
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# TÜRKMEN BITARAPLYGY YKDYSADY HYZMATDAŞLYGYŇ KEPILI

2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi baradaky habary tutuş halkymyz bolup uly buýsanç, ruhubelentlik bilen kabul etdik. Bu habar kalbymyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ýurdumyza bolan beýik watansöýüjilik, il-ýurda ygrarlylyk duýgularymyzy, ata Watanymyzy halkara de-



rejesinde şeýle abraý-mertebeli belentliklere göterýän hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza bolan çuňňur hormat-sarpamyzy arşa göterdi. Göwnümizi ganatlandyran ýakymly duýgular bolsa, asuda, abadan, bedew batly ösüşleri bilen diňe öňe barýan güneşli Diýarymyz, bagtyýar halkymyz, çüwen ykbalymyz barada ýürek sözümizi aýtmaga höweslendirdi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan adalatly, demokratik, dünýewi we hukuk döwlet hökmünde, gysga döwrüň dowamynda dünýäde uly abraý-hormata mynasyp boldy. Ýurdumyzda halkara ykdysady hyzmatdaşlygyna uly ähmiýet berilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hemişelik Bitarap Watanymyz tutuş Ýer ýüzünde parahatçylygy pugtalandyrmaga, özara düşünişmegi, dostluk hem ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary berkitmäge, durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge möhüm goşant goşýan başlangyçlary öňe sürýär, bu ugurda halkara forumlary yzygiderli geçirýär.

Ine, 19-njy martda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda geçirilen forum hem sebitara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge bagyşlanyp, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin strategiki ähmiýete eýe bolan söwda, energetika, ulag we ekologiýa ýaly ugurlarda bilelikdäki taslamalaryň geljegini nazarlamakda uly ähmiýete eýe boldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahata Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşyp, derwaýys meseleler barada ylmy taýdan esaslandyrylan garaýyşlaryny beýan etmegi has-da ähmiýetli boldy.

Häzirki döwürde täzeden dikeldilýän Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm çatrygynda ýerleşýän hemişelik Bitarap Watanymyz multimodal ulag we logistika düzümlerini kemala getirmek boýunça anyk taslamalary durmuşa geçirýär. Türkmenistan sebitde parahatçylygy pugtalandyrmak, ynanyşmak arkaly abadan durmuşy berkarar etmek ugrunda möhüm taslamalara badalga berýär.

Türkmenistanyň öňe sürýän parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleri adamzadyň iň uly gymmatlyklarynyň hatarynda goýulýar. Parahatçylyk döredijі ýurt bolan hemişelik Bitarap Türkmenistan adamzadyň bu naýbaşy gymmatlygynyň mizemez ýollaryny gurup, dünýä halklarynyň arasynda dost-doganlygyň we agzybirligiň ösmegine uly goşant goşýar. Ol dünýä döwletlerini ynanyşmaga, ynsanperwerlige we hyzmatdaşlyga çagyrýar.

Halkymyzyň hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmak bilen bir hatarda, dünýä we sebit abadançylygyny pugtalandyrmak ugrunda taýsyz tagallalary durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, alyp barýan beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Selbi BABAÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – YKDYSADY ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Şunuň bilen baglylykda, maslahatda Merkezi we Günorta Aziýanyň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşyk gatnaşyklaryna, hususan-da iri energetika, ulag we elektrik energetika taslamalaryna aýratyn ähmiýet berildi. Gahryman Arkadagymyzyň hem belläp geçişi ýaly, maslahatda ähli ugurlar boýunça ara alnyp maslahatlaşylan Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň maksady häzirki döwürde jemi 1 milliard 750 million ilaty bolan ýurtlary tebigy gaz bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Bu gaz geçirijiniň ýurdumyzyň çäklerinden geçýän, uzynlygy 214 kilometr bolan bölegi**





**guruldy. Geçen ýylyň sentýabr aýynda bolsa onuň 153 kilometrlik Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat böleginiň gurluşygyna badalga berildi. Häzirki wagtda onuň gurluşygy Owganystanyň çäklerinde dowam etdirilýär.**

**Bu günki gün Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar halkara ulag geçelgeleriniň işjeňleşdirilmegine uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyz Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe (Lapis Lazuli), Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman – Katar, TRACECA halkara ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmäge işjeň gatnaşýar. Şeýle-de döwrebap, köpugurly ulag-kommunikasiýa ulgamyny döretmek babatda iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Geçen ýyl Serhetabat – Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedindäki uzynlygy 177 metrlik demir ýol köprüsiniň açylmagy, Serhetabat – Hyrat optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy – Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine badalga berilmegi ýurdumyzyň başlangyjy esasynda iri ulag-kommunikasiýa taslamalarynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyny aýdyň görkezýär.**

**Ýurdumyz Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegi gazanmakda, şol sanda Merkezi Aziýa sebitiniň parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň zolagy bolmagynda oňyn başlangyçlaryny işjeň öňe sürýär. Bu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň tebigy serişdeleriň howpsuz üstaşyr geçelgeler arkaly halkara bazarlarda elýeterli bolmagyny gazanmak, söwda-ykdysady gatnaşyklar üçin amatly we köpugurly ulag geçelgelerini döretmek, daşky gurşawy goramak babatdaky amala aşyrýan beýik işleri bu gün özüniň oňyn netijelerini berýär.**

**Goý, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň binýady has-da berkesin! Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda bagtyýar günlerimiz dowamat dowam bolsun!**

**Jeren ILAMANOWA,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.***

# PARAHATÇYLYK – ADAMZADYŇ BAŞ ARZUWY

Hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllyk toýuna barýan Garaşsyz Türkmenistan Ýer ýüzünde parahatçylygyň berkarar bolmagy ugrundaky umumy tagallalary täze başlangyçlar, halkara bähbitli ýörelgeler, netijeli işler bilen has baýlaşdyrýar. 21-nji martda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek biragyzdan kabul edildi. Munuň özi türkmen diplomatiýasynyň nobatdaky ajaýyp üstünligidir. Türkmen döwletiniň öz taryhy mümkinçiliklerinden ägirt uly syýasy hem ykdysady paýhas bilen peýdalanyp, ähli umumy abadançylygyň hyzmatynda goýup bilýändiginiň güwäsidir. Şeýle hem ýurdumyzyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan onlarça Rezolýusiýalaryň kabul edilmegi dünýä halklarynyň Watanymyza bolan beýik ynamynyň we buýsanjynyň aýdyň görkezijisidir. Her biri dünýäniň parahatçylygy üçin ädilen uly bir ädim hökmünde taryha giren şol başlangyçlaryň, Kararnamalaryň hakyky gymmaty Ýer ýüzüniň dürli künjeklerinde asudalygyň arzuwynda ýaşaýan millionlarça adamlaryň ykbaly bilen barabar.

Häzirki wagtda hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine daýanýan döwletimiziň agzybirligiň, parahatçylygyň nusgasyny dünýä ýaýyp gelmegi, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-parasatlary bilen bu ýörelgeleriň giňden dabaralanýandygyny we uly meşhurlyga eýe bolýandygyny görkezýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýuny toýlarys. Elbetde, munuň özi dünýäde parahatçylygyň, ynanyşmagyň, hoşniýetliligiň dabaralanmasydyr. Bitaraplyk – bu halkymyzyň aňyna, ruhuna, milliligine ornaşan müdimi taglymat bolup, ýurdumyzyň, hoşniýetli halkymyzyň abraý-mertebesini tutuş äleme ýaýdy. Ynamly ädimler bilen öňe gitmäge, asudalykda, agzybirlikde ýaşamaga giň ýol açyp, ynsanperwerlik, parahatçylyk ýol-ýörelgelerimizi dünýäde giňden dabaralandyrdy.

Bitaraplyk milli bähbitleri amala aşyrmagyň has kabul ederlikli nusgasy bolmak bilen, ýurdumyzyň taryhy, geosyýasy, medeni ýörelgelerine laýyk gelip, dünýä giňişliginde, şeýle hem içerki ösüşde Türkmenistanyň üstünlikleriniň inkär edip bolmajak möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Bu gün Bitaraplyk durnuklylygyň, durmuş adalatlylygynyň we ösüşiň sinonimi hökmünde ýurdumyzyň raýatlarynyň aňyna berk ornaşdy. Halkara gatnaşyklar ulgamynda bolsa Bitaraplyk birek-birege hormat goýmagyň, deňhukuklylygyň, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň esasynda döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň nyşany hökmünde çykyş edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňe sürýän taglymatlarynyň düýp özeninde halkymyza mahsus bolan asylly, ynsanperwer ýol – parahatçylygyň ýoly – dialogy öňe sürülýär. Bu bolsa eýýäm pederlerimizden bize miras bolup gelen milli häsiýetlerimiziň bu bagtyýar



döwrümizde aýdyň şöhlelenmesidir. Sebäbi adamzat hemişe parahat durmuşyň arzuwynda ýaşaýar. Parahat, bagtly, bagtyýar durmuşda ýaşaýan jemgyýet bolsa gülleýär, ösýär. Onsoň bagtyýarlyk şol halkyň medeniýetine siňip, aýdyma, saza öwrülip, sungat derejesine göterilýär. Sungatyň özi parahat durmuşyň netijesinde döränsoň, parahatçylygy beýan edýär, belentden waspyny ýetirýär. Islendik zadyň sungat derejesine ýetmegi üçin ol ynsanyýetiň gymmatlygyna öwrülmegi derkar. Şunda ol halkyň ruhy aňastyna ornaşyp, nesilden-nesle geçmek bilen, taryhyň sahypalaryna möhürlenýär. Mahlasy, parahatçylyk, ynanyşmak – ynsanyýetiň bagtly, bagtyýar ýaşamagynyň, sözüň doly we dogry manysyndaky baş şertidir. Bu durmuşyň inkär edip bolmajak hakykatlarynyň biri.

Goý, dünýä ýüzünde parahatçylygy, durnuklylygy, asudalygy, ynanyşmagy pugtalandyrmakda ägirt uly tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Jemal MUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

# Küştdepdi – bagtyýar zamanamyzyň ajaýyp waspnamasy

Tans sungaty köpasyrlyk we häzirkizaman dessurlarynyň berk düzgünlerini özünde jemleýär. Tans horeografiýasynda goýulýan tans hereketleri biziň ata-babalarymyzdan gelýän milliligimiziň inçeligini ýitirmän, ol hereketlere täzeçe öwüşgin berlip, täze keşbe eýe bolmak bilen ösdürilýär. Şol bir wagtyň özünde hem ruhy mirasyň baý dessurlaryny özlerinde saklaýar.

Türkmen milli tanslary ýurdumyzyň ähli ýerlerinde giňden ýaýrap, olaryň ýerine ýetiriliş aýratynlyklary her welaýatda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Tans sungatyny özüne maýyl ediji sungatlaryň biri diýsek ýalňyşmarys. Sahnada ýaş oglan-gyzlaryň ýa-da çagalaryň owadan hereketler bilen ajaýyp sazlara goşulyp, milli lybaslarymyzda ýerine ýetirýän tanslaryny synlanyňda göwnüň göterilip, şatlyk duýgusyny başdan geçireni-



ňi duýman galýarsyň. Ata-babalarymyzyň şu sungata bolan garaýyşlaryny biz taryhy we folklor, etnografiýa tanslarymyzyň üsti bilen görüp bilýäris. «Küştdepdi», «Sallanma», «Işimme», «Çapak» we ýene-de ençeme türkmen tanslary öz milliligini şu güne çenli ýitirmän gelýär. Bu tanslaryň ýerine ýetirilişinde biz öz gadymdan gelýän milliligimiziň inçe syrlaryny görýäris.

Küştdepdi tansy gadymy tans hökmünde, esasan, Hazaryň kenar ýakasyndaky obalarda has meşhur bolupdyr. Küştdepdide türkmen halkynyň gadymy durmuşyny, hal-ýagdaýyny, şu günki we geljekdäki arzuw-isleglerini gazalyň sözlerinde we tansyň hereketlerinde aýdyň görmek bolýar. Asyrlaryň geçendigine garamazdan Küştdepdi tansy hem özüniň asyl durkuny ýitirmän, täze öwüşginde şu günlere gelip ýetipdir. Küştdepdi milli tans hökmünde ýurdumyzyň ähli ýerinde joşgunly ýerine ýetirilýär. Küştdepdi tansynyň birnäçe görnüşi bar. Olardan «Bir depim», «Iki depim», «Diwana» ýa-da «Üç depim» ýaly görnüşleri mysal getirmek bolar. Şeýle-de bu tansyň ýerine ýetiriliş aýratynlyklary hem döwre guran adamlaryň ýaşyna we ýaşaýan ýerine baglylykda üýtgeýär.

Küştdepdi tansy ýurdumyzda uly dabara bilen bellenilýän toý-baýramlaryň bezegidir. Mälim bolşy ýaly, 2017-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Maddy däl medeni mirasy saklap galmak boýunça Hökümetara komitetiniň Çeju şäherinde (Koreýa Respublikasy) geçirilen 12-nji mejlisinde teklip edilen «Küştdepdi» aýdym we tans dessury ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Küştdepdi tansy häzirki wagtda ýurdumyzyň esasy baýramçylyklarynyň ählisiniň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Ony ýurdumyzyň ähli sebitlerinde folklor we tans toparlary bagtyýar döwrüň belent ruhy we täze eýýamyň bedew bady bilen ýerine ýetirýärler.

Goý, milli mirasymyzy, medeniýetimizi we sungatymyzy giňden öwrenmekde, ony dünýä ýaýmakda ägirt uly işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri hemişe rowaç alsyn!

**Şemşat ÝOMUDOWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky TMK-nyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky TDÝSM-niň horeografiýa sungaty bölüminiň müdiri.*

# PARLAMENT DIPLOMATIÝASYNYŇ AÝDYŇ ÝOLY

Bu gün Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz parahatçylygy üpjün ediji merkez hökmünde ykrar edilip, dünýäde giňden tanalýar. Bu bolsa Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek babatda öňe sürýän başlangyçlarynyň, parahatçylyksöýüjilik, dost-doganlyk ideýalarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändiginiň subutnamasydyr. Milli Liderimiziň «Dialog – parahatçylygyň kepili» taglymatynyň uly meşhurlyga eýe bolup, dünýä halklaryny parahatçylyksöýüjilige, dost-doganlyga çagyrýan şygara öwrülendigini aýtmak ýakymly.

Häzirki döwürde parlament diplomatiýasy möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ýurdumyzda diplomatiýanyň bu görnüşine aýratyn üns berlip, deputatlarymyzyň daşary ýurtlaryň parlament wekilleri bilen kanun çykaryjylyk babatda tejribe alyşmaklary, birek-biregiň gazanýan üstünliklerini öwrenip, olardan peýdalanmaklary üçin ähli zerur şertler döredilýär. Şundan ugur alnyp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem parlamentara gatnaşyklar işjeň ilerledilýär.

Türkmenistanyň Mejlisi Parlamentara Birleşigiň hem-de Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlament Assambleýasynyň agzasy bolup, Ýewropa Parlamenti bilen ikitaraplaýyn dialogyň çäklerinde wekiliýetleriň yzygiderli duşuşyklary guralýar. Olar bilen parlament işini, milli kanunçylygy kämilleşdirmek, bilelikdäki maksatnamalaýyn taslamalary durmuşa geçirmek babatda ýakyndan hyzmatdaşlyk edilýär. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyna daýanyp hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryndan ugur alnyp, dünýä döwletleri, halkara guramalar bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyga, adam hukuklaryna hormat goýmak,



howanyň üýtgemegi bilen baglylykda, ekologiýa, energetika howpsuzlygyny, daşky gurşawyň abadançylygyny üpjün etmek, halkara üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek babatda alnyp barylýan işlere işjeň gatnaşylýar.

Parlament diplomatiýasyny işjeň ösdürmegiň çäklerinde ýurdumyzyň parlament wekiliýetleri yzygiderli daşary ýurtlarda saparda bolýarlar. Golaýda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky parlament wekiliýetiniň Türkiýe Respublikasyna hem-de Katar Döwletine amala aşyran iş saparynyň meýilnamasy baý mazmuny bilen tapawutlandy.

Dünýä bileleşiginiň işjeň agzasy bolan Türkmenistan diňe bir özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen möhüm başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem, olary iş ýüzünde durmuşa geçirmek boýunça hem netijeli çäreleri görýär.

Häzirki wagtda ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak, gyzyklanma bildirýän ýurtlardyr hyzmatdaşlar bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, Ýer ýüzünde durnukly ösüşi üpjün etmek Garaşsyz Türkmenistanyň durmuşa geçirýän parahatçylyksöýüjilikli daşary syýasatynyň esasyny düzýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz täze üstünliklere we belent sepgitlere tarap öňe barýar. Gazanylýan üstünlikler, beýik ýeňişler bizi has belent maksatlara ruhlandyrýar. Goý, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly döwlet syýasaty bilen berkarar bolýan täze taryhy eýýamyň şan-şöhraty barha beýgelsin, dünýäde parahatçylyk, dostluk, doganlyk sazy ýaňlanyp dursun!

**Ogulnabat ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ YNSANPERWER SAHAWATY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu bolsa ata-babalarymyzyň kömege mätäç adamlara hemmetaraplaýyn goldaw bermek ýaly ynsanperwer ýörelgeleriniň netijeli dowam etdirilýändigini aňladýar.

29-njy martda bu düzümiň döredilmegine laýyk 4 ýyl boldy. Onuň alyp barýan işlerine howandarlyga mätäç çagalara lukmançylyk kömegini bermegi we saglygyny dikeltmegi, derman serişdeleri bilen üpjün etmäge gönükdirilen





maddy kömegi öz içine alýar.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäherinde «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahaty geçirildi. Bu giň möçberli çärä Özbegistanyň, Türkiýe Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Belarus Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Hindistanyň, Gruziýanyň, Ermenistan Respublikasynyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Awstriýanyň döwlet düzümleriniň we jemgyýetçilik guramalarynyň, şeýle hem halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Maslahatyň çäklerinde çagalaryň arasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň gözýetimi, dünýägaraýşy» atly bäsleşigiň jemleri hem jemlendi. Onda ýurdumyzyň 4 ýaşdan 11 ýaşa çenli çagalary surat çekmek, amaly-haşam sungaty, aýdym-saz we tans sungaty, türkmen milli oýunlary ýaly ugurlar boýunça öz ukyp-başarnyklaryny görkezdiler. Bularyň ählisi ýaş nesilleriň hemmetaraplaýyn bilim-terbiýeli bolmaklary, dünýä ylmyna çuňňur aralaşmaklary bilen baglanyşykly meseleleriň döwlet syýasatynyň möhüm wezipeleriniň hatarynda kesgitlenip, haýyr-sahawat gaznasynyň hem bu asylly işe mynasyp goşant goşýandygyna şaýatlyk edýär. «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat Türkmenistanda çagalaryň sagdyn we bagtyýar durmuşynyň üpjün edilýändiginiň, şol sanda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bu ugurda amala aşyrýan işleriniň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändiginiň nobatdaky beýanyna öwrüldi.

Mälim bolşy ýaly, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy Türkiýe, Ukraina, Owganystan, Russiýa, Palestina we beýleki ýurtlaryň kömege mätäç çagalaryna haýyr-sahawatyny ýetirdi. Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň hassahanalarynyň çagalar bölümlerine Germaniýanyň «B.Braun» kompaniýasynyň «Dialog+» kysymly gemodializ enjamlary hem ornaşdyryldy.

**Muhammet KÜRRÄÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# HUKUK ÖZGERTMELERI – DÖWRÜŇ TALABY

Ýurdy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan durnukly ösdürmekde adam hukuklarynyň üpjün edilmegine iňňän möhüm orun degişlidir. Jemgyýetiň ösüşi demokratik ýörelgeler, adam hukuklaryny giňeltmek we onuň mazmunyny baýlaşdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Döwletimiz şahsyýetiň erkin ösmegi üçin ähli şertleri döretmek bilen, dünýäde özüni demokratik jemgyýeti ösdürýän döwlet hökmünde tanatdy. Ýurdumyzyň Konstitusiýasy şu esaslarda yzygiderli kämilleşdirilýär. Biziň Esasy Kanunymyz döwletliligiň, ýurdumyzy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny, öňdebaryjy dünýä tejribesini nazara almak bilen, jemgyýetiň kadalaşdyryjy hukuk esaslaryny kämilleşdirmegiň ygtybarly binýadydyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda adamyň we raýatyň halkara hukugynyň iň ýokary ölçeglerine laýyk gelýän, umumy ykrar edilen hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmegiň berk hukuk binýady döredildi. Häzirki döwürde ýurdumyz ençeme halkara şertnamalara we ylalaşyklarna gatnaşyjy bolup durýar, olar ýurduň adam hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmegiň, durmuş-ykdysady we ynsanperwer meselelerini çözmegiň halkara hukuk esasyny emele getirýär. Olaryň hatarynda Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Ylalaşygy hem-de Ykdysady durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara Ylalaşygy ýaly adam hukuklary babatynda esas goýujy halkara resminamalary bar. Esasy Kanunymyzyň rejelenen görnüşiniň 25-nji maddasynda «Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda ykrar edilýär hem-de şu Konstitusiýa we kanunlar bilen kepillendirilýär» diýlip bellenilýär.



Ýurdumyzyň demokratik, hukuk we dünýewi döwletdigini alamatlandyrýan kanunçylyk ulgamynyň barha pugtalandyrylmagy raýatyň we adamyň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň ýokary derejede üpjün edilmegini şertlendirýär. Hormatly Prezidentimiz adam hukuklary we azatlyklary babatda döwletimiziň gatnaşýan esasy halkara şertnamalarynyň kadalarynyň milli kanunçylyga işjeň ornaşdyrylmagy, ýurduň bu babatda öz üstüne alan halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegi baradaky meselelere hemişe uly ähmiýet berýär. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň doly berjaý edilýän ýurdunda bagtyýar durmuş üpjün edilýär.

Esasy Kanunymyzyň 1-nji maddasyna laýyklykda, döwlet kanunylygy we hukuk tertibini üpjün edýär. Kanunylygyň durmuş maksady bolsa jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny berkitmäge hem-de ösdürmäge ýardam bermekden, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň maksatlaryna ýetmegi üpjün etmekden ybaratdyr. Kanunylyk halkyň bähbitlerini goramagyň, hakyky demokratiýanyň dabaralanmagynyň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Kanunylyk döwletde hukuk kadalarynyň takyk, gyşarnyksyz we birmeňzeş berjaý edilmeginden ybarat döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ýörelgesini aňladýar. Şonuň üçin ol fiziki şahslaryň hereketiniň we ýuridik şahslaryň işiniň, şeýle-de hukugyň subýektleriniň arasyndaky islendik gatnaşyklaryň kanunylygyny üpjün etmegiň guraly bolup çykyş edýär.

Häzirki zaman şertlerinde kanunylygy üpjün etmek bilen baglanyşykly kanunçylygy kämilleşdirmek we bu ugurda hukuk gatnaşyklaryny ösdürmek wajyp meseleleriň biridir. Şundan ugur alnyp, Prezident Maksatnamasynda kanunçylygy kämilleşdirmek arkaly, milli we halkara bähbitlere laýyk gelýän kanunylygy üpjün etmek babatda amala aşyrylýan möhüm ähmiýetli syýasata mynasyp orun berildi.

**Gülnara ATAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kazyýet lukmançylygy we hukuk kafedrasynyň mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN – SAGDYNLYGYŇ WE BAGTYÝARLYGYŇ MEKANY

Saglyk diňe her bir adam üçin däl, eýsem, tutuş jemgyýet üçin uly gymmatlykdyr, çünki ol beden taýdan sagdynlygyň we güýç-kuwwatyň, zähmet hem-de döredijilik işjeňliginiň, umuman, abadan durmuşyň gözbaşydyr. Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek, jemgyýetimizde bedenterbiýe hem-de sport bilen yzygiderli meşgullanmagy wagyz etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Paýtagtymyzda we sebitlerde iň täze enjamlar hem-de öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen döwrebap saglygy goraýyş edaralary we şypahana ulgamynyň binalary, sport desgalary, ýöriteleşdirilen sport mekdepleri, çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri guruldy, hereket edýän ugurdaş desgalar döwrebaplaşdyryldy.

Bedenterbiýe we sport, şol sanda sportuň suwdaky görnüşleri bilen meşgullanmak üçin Hazaryň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ajaýyp mümkinçilikler döredildi.

Hereket etmek, gezelençleri amala aşyrmak hem-de boş wagtyňy peýdaly we işjeň geçirmek üçin ajaýyp serişde bolan welosiped ulagyň ekologiýa taýdan iň arassa görnüşi hasaplanylýar, ol sport ulagy hökmünde-de uly meşhurlyga eýedir. Häzirki döwürde ýurdumyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişleri, ählihalk bag ekmek dabaralaryny geçirmek asylly däbe öwrüldi.

Şunuň bilen baglylykda, her ýylyň 7-nji aprelinde asylly däbe görä, ýurdumyzda Bütindünýä saglyk güni bellenilýär. Bütindünýä saglyk güni dostlugyň we parahatçylygyň, sportuň, ynsanperwerliginiň belent ýörelgelerini dabaralandyrýan, jemgyýetimiziň agzybirligini, jebisligini alamatlandyrýan sene hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun tutýar. Şonuň üçin hem dünýä bileleşigi bilen bilelikde eziz Diýarymyzda hem ýaz paslynyň jana şypaly günlerinde bu halkara baýram



ýokary ruhubelentlikde giňden bellenilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, bedenterbiýäni we sporty wagyz etmek maksady bilen, welosipedli ýörişler, dürli bedenterbiýe-sport çäreleri geçiriler. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň welaýatlarynda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde 1 – 7-nji aprel aralygynda dürli maslahatlary, wagyz-nesihat, bedenterbiýe-sport, medeni çäreleri, umumybilim berýän orta mekdepleriň okuwçylarynyň, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň, edara-kärhanalaryň işgärleriniň, türgenleriň gatnaşmaklarynda sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlary we dabaraly sport çärelerini geçirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda «Saglyk» döwlet maksatnamasy üstünlikli amala aşyrylýar. Ýurdumyzda sport bilen meşgullanmak üçin hem ähli şertler döredilen. Bu bolsa her bir adamyň beden taýdan sagdyn bolmagyna mümkinçilik berýär.

Bu işleriň ählisi sagdynlygyň we bagtyýarlygyň mekany bolan Bitarap döwletimiziň dünýädäki at-abraýyny has-da ýokarlandyrýar. Garaşsyz Watanymyzda baş baýlygymyz bolan ynsan saglygyna uly üns berilýändigini bütin dünýä äşgär edýär.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy 194 agza döwletden ybarat bolup, Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy hökmünde esasy wezipesi dünýä ilatynyň halkara saglyk meselelerini çözmekden ybaratdyr. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy 1948-nji ýylda esaslandyryldy we onuň merkezi Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. 1948-nji ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Konstitusiýasy tassyklanyldy we şol günden bäri 7-nji aprelde Bütindünýä saglyk güni bellenilýär.

**Tyllagözel NURYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mikrobiologiýa kafedrasynyň mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Neýroulgamyň döreden gazeti.** Italiýanyň «Il Foglio» gazetiniň redaksiýasy emeli aň tarapyndan döredilen gazetiň ilkinji sanyny çykardy. Gazetiň tekstlerinden başlap, sözbaşylaryna çenli ählisi täze tehnologiýa bilen ýerine ýetirildi. Dört sahypalyk gazet satuwa hem çykdy.



**Bäsleşigiň ýeňijisi boldy.** Londonyň «Life Framer's Series Award» fotosurat bäsleşiginiň guramaçylary ýeňijini yglan etdiler. Abraýly platformanyň baýragyna Lorenso Poli «Antroposen burumlary» atly suratlar toplumy bilen mynasyp boldy. Bu baýrak daşky gurşaw meselelerine bagyşlanan suratlar üçin gowşurylýar.



**«ChatGPT»-niň sesli görnüşi.** «OpenAI» kompaniýasy «ChatGPT»-niň «Advanced Voice Mode» funksiýasyny, ýagny häzirki wagtda sesli gepleşip bolýan aýratynlygyny täzeledi. Täzelenmeden soň, emeli aň kömekçisi has «medeniýetli» söhbetdeş boldy. Ol indi söhbetdeşiniň sözüni ýygy-ýygydan bölmeýär.



**Aýda teleskop gurmakçy.** Hytaýly hünärmenler Aýyň garaňky tarapynda radioteleskoplar toplumyny döretmegi teklip etdiler. Taslama tassyklansa, ol Ýeriň hemrasyndaky ilkinji radioobserwatoriýa bolup biler. Desga 7,2 müň antennany öz içine alyp, 30 inedördül kilometr meýdany eýelär.



**Insultyň bejergisi üçin ilkinji derman.** Amerikaly alymlar insultdan soňky bejergi boýunça açyş etdiler. Olar ilkinji gezek bozulan neýronlary dikeldip bilýän «DDL-920» atly dermany döretdiler. Bu açyş lukmançylykda uly üstünlik bolup, şu wagta çenli insultdan soňky reabilitasiýada onuň ornuna geçip biljek derman ýokdy.



**Robotlaryň önümçiligine başlady.** ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatyndaky «Figure AI» kompaniýasy adampisint robotlaryň köpçülikleýin önümçiligine başlady. Kärhanada her günde 30, ýylda 12 müň töweregi robot öndüriler. Bu robot 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda köpçülige görkezilipdi.



**Tans ruhy saglyk üçin peýdaly.** Tans etmek adamyň umumy saglyk ýagdaýyny gowulandyryp, keýpini götergär we stres derejesini peseldýär. Şeýle hem psihologik streslere garşy durnuklylygy ýokarlandyrýar. Bu barada Beýik Britaniýanyň Rohampton uniwersitetiniň alymlary mälim etdiler.



**Geljek ýyla süýşürildi.** Wenera planetasyna uçuryljak ilkinji hususy missiýa 2026-njy ýylyň tomsuna süýşürildi. Taslama «Rocket Lab» kompaniýasy tarapyndan 2022-nji ýyldan bäri durmuşa geçirilýär. Weneranyň atmosferasyna girjek enjamyň esasy wezipesi planetanyň bulutlaryndan organiki molekulalary tapmakdan ybarat.



**Robotlaryň dolandyrýan dükany.** ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň Demirgazyk Golliwud sebitinde ilkinji awtonom dükan bolan «Ven-Hub» işe başlady. Bu ýerde müşderilere diňe robotlar hyzmat edýär. Dükanda 400 dürli haryt bar we dört sany pejireden müşderilere hyzmat edilýär.



**Dagdan agajyndan gurlan jaý.** Germaniýanyň Augsburg şäheriniň eteginde birnäçe gezek söküp, täze ýerde gaýtadan ýygnap bolýan «House Anton II» atly dagdandan edilen jaý höndürlendi. Parçalarynyň ählisini ýelimsiz we metal berkidijisiz birikdirip bolýan bu jaýy aňsatlyk bilen söküp, täze ýerde ýygnap bolýar.



## HYZMATDAŞLYK TÄZE DEREJÄ ÇYKARYLAR

Düýn, 3-nji aprelde Özbegistanyň Samarkant şäherinde «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» formatyndaky ilkinji sammit öz işine başlady. Iki günlük sammite Ýewropa Geňeşiniň başlygy Antonio Koşta we Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen gatnaşýar. Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen Ýewropa Bileleşigi bilen sebitiň hyzmatdaşlygyny täze derejä çykarmak isleýändigini mälim etdi.

Forum Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Türkmenistanyň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň başlyklygynda geçirilýär. Sammit Ýewropa Bileleşigi üçin ikitaraplaýyn gatnaşyklary çuňlaşdyrmak we Merkezi Aziýa bilen sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmek baradaky geosyýasy gyzyklanmany tassyklamak üçin möhüm pursatdyr. Çalt üýtgeýän dünýä tertibiniň şertlerinde Ýewropa Bileleşigi bilen sebitdäki döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk aýratyn strategik ähmiýete eýe bolýar. Sammitiň gün tertibine ulag geçelgelerini we sanly aragatnaşygy ösdürmek, ykdysady hyzmatdaşlygy we howpsuzlygy güýçlendirmek, şeýle hem ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerine geçmek, suw ätiýaçlyklary ýaly özara gyzyklanma bildirilýän esasy ugurlardaky hyzmatdaşlygy giňeltmek baradaky tagallalar, şeýle-de hazarüsti ulag geçelgesi ýaly möhüm ugurlar girizildi.




Ýewropa Bileleşigi – sebitde ikinji uly söwda hyzmatdaşy we iň uly maýa goýujydyr. Merkezi Aziýa ýurtlaryna goýulýan maýa goýumlaryň 40 göterimden gowragy Ýewropa Bileleşiginden gelýär. Soňky ýyllarda Ýewropa Bileleşigi bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky ýokary derejeli gatnaşyklar işjeňleşýär. Täze başlangyçlar «ýaşyl» we sanly geçiş üçin esas döredýär.

«Bu sammit Ýewropa Bileleşigi üçin ikitaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmekde we Merkezi Aziýa bilen sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmekde geosyýasy gyzyklanmany görkezmek üçin möhüm mümkinçilik döredýär. Dünýäde bolup geçýän wakalar bilen baglanyşykly üýtgeýän geosyýasy ýagdaýy göz öňünde tutup, Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa gatnaşyklary barha strategik häsiýete eýe bolýar» diýip, Ýewropa Geňeşiniň resmi beýanatynda bellenilýär.

## «Tesla» Saud Arabystanynyň bazarynda

Amerikanyň öňdebaryjy elektroulag öndürijisi «Tesla» 10-njy aprelde Saud Arabystanynda resmi taýdan satuwa başlamaga taýynlyk görýär. «Ilkinji diler merkeziniň dabaraly açylyş çäresi Er-Riýad şäherindäki «Bujairi Terrace» meýdançasynda geçiriler» diýip, kompaniýanyň web sahypasynda habar berilýär.

Bu ýere gelen myhmanlara elektroulaglar, öýde zarýad beriş tehnologiýalary, awtonom dolandyryş ulgamy we Gün energiýasy bilen baglanyşykly tehnologiýalar görkeziler. Şeýle-de kompaniýa «Optimus» atly adampisint roboty we sürüjisiz elektroulag «Cybercab»-y hödürlär. Myhmanlar «Tesla»-nyň hünärmenleri bilen duşuşyp, ulaglary ýurtda nädip satyn alyp bolýandygyny we ulanmalydygyny öwrenip bilerler.

«Tesla»-nyň Saud Arabystanynyň bazaryna girmegi ýerli ilat tarapyndan makullandy. Köpler şeýle brendiň ýurda gelmegine uzak wagtdan bäri garaşýardy. «Tesla»-nyň elektroulaglary köpden bäri Ýakyn Gündogaryň käbir ýurtlarynda satylýar, emma ol häzire çenli Saud Arabystanynda resmi ýagdaýda elýeterli däldi.

Sebitde elektroulaglaryň umumy hasaba alnyşy artan hem bolsa, «Tesla»-nyň satuwy we



bazardaky paýy şu ýyl pese gaçdy. Ýewropanyň awtoulag öndürijiler assosiasiýasynyň (ACEA) maglumatlaryna görä, şu ýylyň başyndan bäri, Maskyň brendiniň Ýewropadaky satuwy 42,6% pese düşdi. Häzirki wagtda Saud Arabystanynda ýylda 700 müň täze awtoulag satylýar.

## TÄZE MÖHLETE SAÝLANDY

**BRICS halkara guramasynyň Täze ösüş bankynyň başlygy Dilma Russef guramanyň dolandyryjylar geňeşiniň özüni täze möhlete biragyzdan saýlandygyny habar berdi. Bu barada Braziliýanyň «O Globo» gazeti habar berdi. Rusef wezipesini ýene-de bäş ýyl dowam etdirer. Ol 2023-nji ýylyň mart aýynda işe başlady we häzirki möhletini 2025-nji ýylyň iýul aýynda tamamlaýar.**



**Russeff BRICS ýurtlarynyň maýa goýumlaryna we maýa goýum platformalaryna has köp üns berjekdigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, iýul aýynda Rio-de-Žaneýroda geçiriljek BRICS sammitinde birleşigiň özara maliýe meselelerine aýratyn ünsi jemlär. Dilma Rusef 2011-2016-njy ýyllarda Braziliýanyň Prezidenti wezipesini ýerine ýetiripdi.**

**BRICS-iň düzümine Braziliýa, Russiýa, Hindistan, HHR, Günorta Afrika, Birleşen Arap Emirlikleri, Eýran, Müsür we Efiopiýa girýär. Guramanyň ady iňlis dilinde BRICS (Brazil, Russia, India, China, South Africa) bolup, onuň ilkibaşdaky bäş agzasynyň adyny aňladýar.**

**Birleşigiň ilkinji sammiti 2009-njy ýylda geçirildi. Duşuşyklarda BRICS-iň agzalary ykdysady we geosyýasy meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar we özara peýdaly taslamalar boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýýarlar. BRICS-iň soňky sammiti geçen ýylyň oktýabr aýynda Kazanda geçirildi. Bu sammite guramanyň 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda goşulan täze bäş agzasy gatnaşdy.**



## Wýetnam öňe geçdi

**Wýetnam Günorta-Gündogar Aziýanyň iň çalt ösýän jahankeşdelik mekanyna öwrüldi we meşhurlygy boýunça üçünji orny eýeledi. Bu barada ABŞ-nyň «Bloomberg» agentligi habar berýär. Ýurduň Milli syýahatçylyk müdirliginiň maglumatlaryna görä, geçen ýyl ýurda 17,5 million daşary ýurtly syýahatçy barypdyr.**

Syýahatçy kabul etmek boýunça sebitiň liderleri Taýland (35 million syýahatçy) we Malaýziýa (25 million syýahatçy) bolsa-da, Wýetnam pandemiýadan soň syýahatçylygy dikeltmekde olardan öňe geçdi. Ýurt 2019-njy ýyldaky syýahatçy akymynyň 93 göterimini täzeden gazandy. Bu görkeziji Taýlandda 87,5 göterime, Singapurda bolsa 86 göterime deň. 2025-nji ýylyň başyndan bäri, Wýetnam 4 million töweregi syýahatçy kabul etdi, bu bolsa geçen ýyl bilen deňeşdirilende 30,2% köpdür.

Ýurda gelýän syýahatçylaryň sanynyň çalt ösmeginiň esasy sebäpleri, syýahat etmegiň oňaýlylygy, 2023-nji ýylda girizilen we 90 güne çenli galmaga mümkinçilik berýän elektron wiza ulgamy hem-de wiza talap edilmeýän ýurtlaryň sanawynyň giňeldilmegidir. Şeýle sanawa Germaniýa, Fransiýa, Russiýa we Ýaponiýa girýär. Mundan başga-da Wýetnamda meşhur myhmanhana ulgamlary işjeň iş alyp barýar, bu bolsa, syýahatçylaryň sanynyň artmagyna ýardam berýär.

Wýetnam Sosialistik Respublikasy – Hindihytaý ýarym adasyndaky Günorta-Gündogar Aziýadaky döwletdir. Günbatarda Laos we Kamboja, demirgazykda Hytaý bilen serhetleşýär, gündogarda we günortada Günorta Hytaý deňzi bilen ýuwulýar. Maglumatlara görä, Wýetnamyň 100 milliondan gowrak ilaty bar.

## Göni howa gatnawy ýola goýlar

Awstraliýanyň «Qantas» awiakompaniýasy geljek ýylyň başynda Sidneý – London we Sidneý – Nýu-Ýork ugurlarynda göni howa gatnawlaryny ýola goýar. Bu uçuşlar dünýädäki iň uzak aralyklara amala aşyrylýan täjirçilik maksatly gatnawlar bolup, azyndan, 19 sagat dowam eder. Bu barada awiakompaniýanyň baş direktory Wanessa Hadson mälim etdi.

Häzirki wagtda dünýäniň iň uzak aralygyna howa gatnawy «Singapore Airlines» awiakompaniýasy amala aşyrýar. Kompaniýanyň uçarlary Nýu-Ýork – Singapur aralygyndaky 13 müň 320 kilometre golaý ýoly 18 sagat 40 minutda geçýärler. Awstraliýanyň «Qantas» awiakompaniýasy hem, iň uzak aralyklara uçuşlary amala aşyranlaryň ilkinji üçlügine girýär. Häzirki wagtda awiakompaniýanyň uçarlary London-Pert aralygyndaky 12 müň 600 kilometr ýoly 16 sagat 30 minutda geçýär.

«Qantas» awiakompaniýasy 2018-nji ýylda London-Pert aralygynda howa gatnawyny açanda, bu ugra ýolagçylaryň islegi örän ýokary bolupdyr. Şeýlelikde, awiakompaniýa Sidneý bilen Londonyň arasyndaky şeýle uzak uçuşlary ýola goýmagyň maksadalaýykdygyna göz ýetiripdir.

Täze howa gatnawlary üçin «Airbus 350-1000» kysymly



uçarlar ulanylar. Bu uçarlaryň ilkinji tapgyry şu ýylyň ahyrynda awiakompaniýa gowşurylar. Aslynda «Qantas» bu uçarlary 2022-nji ýylda sargyt edipdir we Londona uçuşlary 2025-nji ýylda başlamagy meýilleşdiripdir. Emma düzgünleşdiriji edaralar uçarlary öndürýän «Airbus» korporasiýasyna uzak uçuşlar üçin niýetlenen goşmaça ýangyç ulgamyna käbir üýtgetmeleri girizmegi talap edensoň, meýilnamalar az-kem gijä galypdyr.

## TBILISIDE GÖKDIRÄN GURLAR



**Gruziýanyň paýtagty Tbiliside Beýik Britaniýanyň «Zaha Hadid» binagärlik býurosynyň taslamasy esasynda «Cityzen Tower» atly gökdiräniň gurluşygyna başlamak meýilleşdirilýär. Onuň dizaýny Tbilisi şäheriniň baýyrly tebigatyndan ylham alýar. 42 gatly bina Saburtalo etrabynda gurlar. Onuň açylyş dabarasy 2028-nji ýylda meýilleşdirilýär.**

**Binanyň esasy aýratynlygy burum-burum görnüşde aýlanyp gidýän giň basgançakly terrasalardyr. Terrasalar binanyň bir gapdalyndan söýeg bolup duran ýaly görünýär. Binagärlik edarasynda bellemeklerine görä, olaryň ýerleşişi Günüň hereketini we ýeliň ugruny göz öňünde tutýar. Toplumyň umumy meýdany 57 müň m² bolar. Aşaky gatlarda terrasalara çykylýan ofisler, dükanlar we garbanyşhanalar ýerleşer. Ýokarky gatlarda şähere we golaýdaky seýilgähe tarap açylýan balkonly ýaşaýyş jaýlary bolar.**

**Binanyň gurluşygynda gaýtadan işlenen materiallary we ýerli gurluşyk materiallaryny ulanmak meýilleşdirilýär. Gökdiränide ýagyş suwlaryny ýygnamak üçin ätiýaçlyk howdany bolar, terrasalarda bolsa köp suwarmagy talap etmeýän ýerli ösümlikler ekiler.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**ABŞ-nyň kosmos gämisi «Çellenjeriň» ilkinji uçuşy 1983-nji ýylyň 4-nji aprelinde amala aşyrylýar. Ýurt 1986-njy ýylyň ýanwar aýyna çenli dokuz sany üstünlikli uçuşy amala aşyrmagy başardy.**



## TÜRKÜSTAN SENETÇILER ŞÄHERI DEREJESINE EÝE BOLDY

Gazagystanyň Türküstan şäheri, senetçiler üçin döwlet goldawyny göz öňünde tutýan «şäheriň ýörite derejesi» baradaky kanuna laýyklykda, «Senetçiler şäheri» derejesine resmi taýdan eýe boldy. Bu kanunyň çäklerinde Türküstan şäherine Bütindünýä senetçilik geňeşi (World Craft Council) halkara guramasy tarapyndan «Hünärmenler şäheri» derejesi berildi.

Geçen aý Bütindünýä senetçilik geňeşi halkara guramasynyň agzalary we bu guramanyň Aziýa-Ýuwaş umman sebiti boýunça wise-prezidenti, şeýle hem Hindistan, Türkiýe we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň hünärmenleri resmi sapar bilen Türküstana geldiler. Olar şäheriň mümkinçiliklerine ýokary baha berdiler we Türküstan sebitiniň häkimi Azimbek Pazylbekuly bilen duşuşdylar. Gepleşikleriň dowamynda şäher häkimi «Halkara senetçiler şäheri» statusyny almak isleýändigini mälim edip, arza berdi. Netijede, Türküstan şäheri resmi taýdan «Senetçiler şäheri» derejesini tassyklaýan şahadatnama eýe boldy.



Häzirki wagtda Türküstanda senetçilik sungaty sazlaşykly ösdürilýär, milli däp-dessurlar goralyp saklanyp, häzirki zaman öwüşginleri bilen utgaşdyrylýar. Ýerli senetçileriň keramika önümleri owadanlygy, üýtgeşik nagyşlary we ýokary hili bilen tapawutlanýar. Geljekde «şäheriň ýörite derejesi» baradaky kanunyň çäklerinde senetçileriň çykdajylarynyň 25 göterimi döwlet tarapyndan öděler. Şeýle hem ýakyn wagtda bu ýerde «Senetçileriň merkezini» açmak meýilleşdirilýär.

Ozal habar berlişi ýaly, mart aýynyň başynda Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew «Türküstan şäheriniň ýörite derejesi barada» kanuna gol çekdi. Kanun, bu şäheriň Gazagystanyň ruhy, taryhy, medeni we syýahatçylyk merkezi hökmünde aýratyn derejesini kepillendirýär. Resminama Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähini we beýleki ýadygärlikleri goramagy, arheologik we abatlaýyş işlerini ýola goýmagy, milli senetçiligi dikeltmegi we arheologik goraghanany döretmegi öz içine alýan taryhy we medeni mirasy gorap saklamagy göz öňünde tutýar.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# OWADAN TEBIGATLY OBALAR

**Dünýäde geografik ýerleşişi, binagärlik aýratynlygy taýdan bir-birinden tapawutlanýan, fauna, flora dünýäsi bilen görenleri haýran edýän obalaryň müňlerçesi bar. Dünýä ilatynyň 43 göterime golaýy ekerançylygyň, maldarçylygyň we amaly-haşam sungatydyr senetçiligiň ösen ýeri bolan obalarda ýaşaýar. Gazetimiziň şu sanynda ýaz paslynyň gelmegi bilen has-da owadan görnüşe eýe bolýan obalar baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**Şirakawa-go, Ýaponiýa.** Ýaponiýanyň Sokawa derýasynyň kenarynda ýerleşýän Şirakawa-go obasynyň daş-töweregini tokaýlar gurşap alandygy hem-de üstüni bulut örtüp durandygy sebäpli, ozallar bu oba kartada görkezilmeýärdi. Soňlugy bilen oba ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilip, meşhurlygy artyp başlaýar. Soňky ýyllarda obada abadanlaşdyryş işleri alnyp barylýar, ýollar çekilýär. Häzirki wagtda jahankeşdeler Şirakawa-go obasyna awtobusly gezelenç edýärler. Ot bilen örtülen ýapgyt üçekli jaýlar obanyň esasy aýratynlygydyr. Mundan başga-da, Syo derýasynyň üstünden geçýän asma köpri syýahatçylaryň iň gowy güýmenjeleriniň biridir.

**Kua Wan, Wýetnam.** Wýetnamyň Kua Wan obasy Ha Long aýlagynyň gaýalary bilen gurşalan suw üstündäki obadyr. Meşhur «Awatar» filmindäki hyýaly tebigatyň bu ýerden ylham alnyp döredilendigi bellenilýär. Syýahatçylaryň we balykçylaryň iň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan Kua Wan obasynda kiçijik jaýlar, naharhanalar hem-de mekdep bar. Oba mekdebine çagalar gaýykly gatnaýarlar. Bu ýer, hakykatdan-da, gaýtalanmajak özboluşlylyga eýe.

**Githorn, Niderlandlar.** Githorn obasyna başgaça «Gollandiýanyň Wenesiýasy» hem diýilýär. Sebäbi obada diňe suw ulagy hereket edýär. 7,5 kilometr uzynlykdaky kanalda gije-gündiziň dowamynda oba ýaşaýjylarynyň gaýykly gatnawlarynyň yzy üzülmeýär. Githorn obasy 1230-njy ýylda esaslandyrylýar. 1958-nji ýylda niderland režissýory Bert Haanstra tarapyndan «Fanfare» atly meşhur komediýanyň düşürilmegi bilen Githorn obasy meşhur bolýar. Häzirki wagtda bu ýere gelýän syýahatçylaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär.

**Bilberi, Angliýa.** Glýuester şäheriniň Bilberi obasy dünýäniň iň owadan obalarynyň biri bolup, XVII asyrda bina edilen jaýlary, «Bilberi bahary», goňur alabasy (balygyň bir görnüşi) bilen görenleri haýran galdyrýar. Obanyň töwereginde jülgeler bilen utgaşyp gidýän depeler hem bar. Köln derýasynyň akyp geçýän bu obasy Angliýa gelýän syýahatçylar üçin iň gowy ýerleriň biri hasaplanýar. Derýanyň üstünde birnäçe daşly we agaç köprüler bolup, balyklary, ördekleri hem-de derýa ýakasyndaky agaçlary synlamaga mümkinçilik berýär.

**Iwoire, Fransiýa.** Ženewa kölüniň fransuz kenarynda ýerleşýän Iwoire obasy Fransiýanyň gülläp ösýän iň owadan obasydyr. Obadaky binagärlik gurluşlar orta asyra degişli bolup, ykjam we örän owadan gurlupdyr. Güller bilen bezelen dar köçeler, reňkli dükanlar, balyklaryň «tans edýän» kölleri Iwoireniň ajaýyp ýerleridir. Mundan başga-da, obada syýahatçylar üçin 5 myhmanhana bina edilipdir. Obanyň ilaty gülden edilen bezegleri hem-de sowgatlyklary ýasamak bilen meşgullanýar. Ýeri gelende bellesek, Iwoire orta asyr durmuşynyň däplerini saklap galan Fransiýanyň iň gadymy obalarynyň biridir.



Githorn, Niderlandlar.

**Wengen, Şweýsariýa.** Alp daglarynyň etegindäki Wengen obasynda 1000-den gowrak adam ýaşaýar. Bu oba Şweýsariýanyň meşhur ýerleriniň biri bolup, islendik möwsümde syýahatçylara duş gelmek bolýar. Wengen suw şypahanasy, asma ýoly, lyža ýaryşlary, gurjak teatrlary hem-de «Mendelssohn» aýdym-saz hepdeligi bilen meşhurdyr. Arassa dag howasynyň hapalanmazlygy üçin bu ýerde ulag sürmek gadagan.

**Oia, Gresiýa.** Santorini wulkan adasyndaky bu oba dünýäniň iň romantik ýerleriniň biridir. Depä çykylýan egrem-bugram ýollary bolan Oia gök gümmezli ak jaýlary bilen tebigata gelşik berýär. Ýokardan deňzi we adanyň gözelliklerini synlap bolýar. Bu ýer aşyklaryň iň köp syýahat edýän ýerleriniň biridir.

# Dünýädäki iň uly lýustra



**Öýlerimize, dürli maksatly gurlan binalara bezeg berýän enjamlaryň biri hem lýustradyr. Oduň ýagtylyk hökmünde ulanylan döwründen tä şu güne çenli yşyklandyryş ulgamyna degişli döredilen birnäçe oýlap tapyşlar bar. Şolaryň hatarynda şemi, ýag çyrasyny, fakeli (alawly taýak), elektrik çyrasyny görkezmek bolar. Lýustralar hem adamzat taryhyndaky iň gowy oýlap tapyşlaryň biridir. Oman Patyşalygyndaky Soltan Kabos metjidinde ýerleşýän agramy 8,5 tonna barabar lýustra dünýädäki iň uly bezegli çyralaryň biri hasaplanýar.**

**Her gün 20 müň zyýaratçyny kabul edýän bu metjit bezegleri, nagyşly diwarlary we äpet lýustrasy bilen görenleri haýran galdyrýar. Metjidiň üçeginden 14 metrlik zynjyrdan asylan bu lýustra hrustallar bilen owadan bezelip, metal çarçuwasyna altyn çaýylypdyr. Diametri 8 metr bolan äpet lýustranyň beýikligi 14 metre barabardyr. Lýustranyň içinde tehniki taýdan abatlamak üçin ulanylýan basgançaklar bar. Lýustranyň bezeg işinde 600 müň hrustal daşjagazlary ulanylypdyr. Bu enjamyň 36 sany elektrik birikdirmesi bolup, metjidi yşyklandyrýan 1 müň 122 sany galogen lampasy bar. Lýustra merkezi gümmeziň içi bilen bir hatarda, 24 sany gümmeze hem ýagtylyk berýär. Metjitde äpet lýustradan başga-da, 34 sany kiçiräk lýustralar hem bar. Soltan Kabos metjidiniň beýikligi 90 metr bolup, Gündogar binagärliginiň iň kaşaň gurluşlarynyň biri hasaplanýar.**

# HOŞBOÝ YSLY GÜLGÜN ŞERBET

**Ýakymly ysly ösümlikleriň biri bolan reýhandan taýýarlanýan şerbet öz gözbaşyny XV asyrdan alyp gaýdýar. Osmanlylar döwründe meşhur içimlikleriň birine öwrülen reýhan şerbeti hoşboý ysy we saglyga peýdalydygy bilen tapawutlanýar. Reýhan şerbetiniň düzüminde C, A witaminleri, kalsiý we magniý ýaly mineral maddalar, az mukdarda süýüm, belok, uglewodlar we şeker bolýar. Esasan, ýaz we tomus pasyllarynda howanyň yssy günlerinde içilýän bu şerbet suwsuzlygy gandyrmak bilen bir hatarda, saglyga oňaýly täsir edýär.**

**Iýmit siňdiriş ulgamyna oňaýly täsir edýär.** Reýhan otundan taýýarlanan şerbet iýmit siňdiriş ulgamyna oňaýly täsir edip, aşgazan keselleriniň öňüni almaga we bejermäge ýardam edýär. Çişmegiň we ýellenmegiň öňüni alýan bu içimlik mikroblara garşy göreşip, içegeleri zyýanly mikroorganizmlerden goraýar. Iýmit siňdiriş ulgamyndan ejir çekýän adamlara reýhan şerbetini içmek maslahat berilýär.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Reýhan şerbetiniň düzüminde köp mukdarda C witamini saklanýar. C witamini bedende gyzyl gan öýjükleriniň öndürilişine goşant goşmak arkaly immuniteti güýçlendirýär. Şeýle hem erkin radikallara garşy göreşip, bedeni dürli ýokançlyklardan goraýar.

**Deri üçin peýdaly.** Reýhan şerbetindäki A witamini deri üçin peýdaly bolup, gyjynmalaryň we deridäki öýjükleriň (pigment) zeperlenmeginiň öňüni alýar. Bu içimlikdäki minerallar deriniň garramagynyň öňüni alyp, deride çyglylygyň kadaly derejede saklanmagyna ýardam edýär. Reýhan şerbetinde öýjükleriň sagdyn hem kadaly işlemegini üpjün edýän E witamini hem bar.



**Nerw ulgamyny köşeşdirýär.** Reýhan şerbeti rahatlandyryjy häsiýete eýe bolup, stresden we aladalardan dynmaga ýardam edýär. Bu içimlikdäki linalool we estragol ýaly efir ýaglary nerw ulgamyny köşeşdirip, rahatlyk duýgusyny güýçlendirýär.

**Gandaky şekeri kadalaşdyrýar.** Täze ýygnalan reýhandan taýýarlanan şerbet gandaky şekeriň derejesini kadaly ýagdaýda saklamaga ýardam edýär. Mundan başga-da, süýji keseliniň döremek howpuny azaldýar.

**REÝHAN ŞERBETINI NÄDIP TAÝÝARLAMALY?**

Gyzgylt reňkli, hoşboý ysly bu ösümlikden öý şertlerinde aňsatlyk bilen şerbet taýýarlap bolýar. Munuň üçin bir bogdak reýhan, şeker, 1 litr suw, ýarym limon, bir taýajyk dalçyn gerek. Reýhanyň ter ýapraklaryny baldagyndan aýryp, mazaly ýuwmaly. Soňra 1 litr gaýnap duran suwa reýhanyň ýapraklaryny oklamaly we bulamaly. Tagamly bolmagy üçin bir taýajyk dalçyn goşup, gapagyny ýapyp, 20 minut töweregi goýmaly. Ýapraklar aşak çökenden soň, şerbeti süzgüçden geçirip, islege görä şeker goşmaly we limonyň şiresini sykmaly. Şekeri ereýänçä mazaly garyp, sowaýança garaşmaly. Taýýar bolan reýhan şerbetini biraz sowadyp içseň, has-da lezzetli bolýar.

## ÇAGALAR

**Mars Günüň daşyndan 687 gije-gündiziň dowamynda bir gezek aýlaw edýär.**

# IŇ ULY MIWE



**Dünýäde 2 müňden gowrak miwe görnüşiniň bardygy bellenilýär. Miweleriň esasy bölegi Hytaý, Braziliýa, Hindistan, Mehiko, Ispaniýa we Türkiýe ýaly ýurtlarda ösdürilip ýetişdirilýär. Käbir miwe daşky görnüşi bilen tapawutlanýan bolsa, käbir miwe özboluşly tagamy bilen adamlarda uly isleg döredýär. Käbir miwe örän ownuk bolup, ýygnamakda kynçylyk çekilýän bolsa, käbir agajyň miwesi örän uly bolup, agramy 3-27 kilograma çenli ýetýär. Şeýle miweleriň biri hem jekfrutdyr.**

Dünýäde iň uly miwe bolan jekfrutyň agajyna «artocarpus heterophyllus» diýilýär. Tutlar maşgalasyna degişli bolan bu agaç Hindistan, Bangladeş, Şri-Lanka, Filippinler, Indoneziýa, Malaýziýa we Awstraliýa ýaly tropik sebitlerde ösdürilip ýetişdirilýär. Bir düýp «artocarpus heterophyllus» agajy 200 töweregi miwe berýär. Agajyň boýy adatça 3,5-4 metrden geçmeýär. Sebäbi bu agajyň öseri kesilip durulýar. Tohumyndan gögerip çykýan bu agaç 5-6 ýyldan soň hasyl berýär. Dekabr-mart aýlary aralygynda gülleýän bu agaç iýul-awgust aýlarynda miwe berýär.



Jekfrutyň agramy 4,5-30 kilogram aralygynda bolýar. Miwäniň uzyn hem galyň sapagy bolup, agajyň şahasyndan sallanyp durýar. Ilkibaşda bu miwäniň gabygy sarymtyl-ýaşyl reňkde bolup, bişenden soň sarymtyl-goňur reňke öwrülýär. Gaty gabykly, daşy teňňe ýaly ownuk nagyşly jekfrutyň kesilen görnüşi edil ananasa meňzeýär. Merkezinde ak boşlugy bolan bu miwäni «sökülýän görnüşde» ýüzlerçe bölege bölüp bolýar. Miwäniň köpgyranly görnüşdäki her bir böleginiň içinde çigidi bolýar. Miwe ýetişende onuň tagamy süýjeýär we reňki üýtgeýär. Miwäniň esasy bölegini süýüm düzýär. Şol sebäpli bu miwe has berk bolýar. Miwe kesilip alnandan soň, onuň sapagyndan süýt ýaly suwuklyk bölünip çykýar. Jekfrutyň ananasa we banana meňzeş hoşboý ysy bolup, eti suwly we süýji bolýar. Jekfrut terligine, doňdurylan, gaplanan we dilimlenip guradylan görnüşde eksport edilýär. Bu miweden dürli süýjülikler hem taýýarlanylýar. Jekfrut Günorta-Gündogar Aziýa aşhanasynda has köp ulanylýan miweleriň biridir. Jekfrut önümçiliginde Hindistan öňdeligi eýeleýär. Dünýäde her ýyl 1,4 million tonna jekfrut ýetişdirilýär. Esasan, Aziýa ýurtlarynda ösdürilip ýetişdirilýändigine garamazdan, miwäniň iň uly görnüşi Günorta Amerika ýurtlarynda, Kaliforniýa we Florida ýaly ştatlarda hem duş gelýär.

# Aýna nädip bugarýar?

**Käbalatlarda howanyň sowuk günlerinde aýnanyň ýüzünde buguň emele gelendigini görýäris. Bu hadysa hammamda ýa-da aşhanada hem her gün diýen ýaly gabat gelmek bolýar. Eýsem, aýnanyň ýüzünde bug we damjalar nädip emele gelýärkä?!**



Howanyň düzüminde azda-kände bug halynda suw bolýar. Bug halyndaky suw molekulalary howada aýlanýarka salkyn ýere, ýagny aýna ýakynlaşýar. Suw molekulalary ýylylyk energiýasyny ýitirende haýallaýar we aýnada buguň emele gelmegine sebäp bolýar. Bug sowuk tekizlige degse, gaýtadan suwa öwrülip, şol ýerde birigýär. Suwuklyk gaz ýagdaýyna (bugarma) we ýene-de bugarandan soň damja görnüşinde (kondensasiýa) suwa öwrülýär. Bilişimiz ýaly, suw gaýnanda bugarma hadysasy ýüze çykýar. Şonda suwuklyk bug görnüşinde howa ýaýraýar we jisimlere ýapyşýar. Aýna çyglylygy özünde siňdirmeýändigi sebäpli, az wagtlyk bugaryp durýar. Gapyny ýa-da penjiräni açyp, howa bilen galtaşmagy netijesinde buglar damja öwrülip, suwuk hala geçýär. Gündelik durmuşda hem suwuň bugarmagy, bulutlaryň emele gelmegi bilen bu hadysa gaýtalanyp durýar.



## Mars planetasy barada gyzykly maglumatlar

- Günüň daşyndan aýlanýan 8 planeta bolup, Mars Günden uzaklygy boýunça dördünji orunda ýerleşýär.
- Türkmen edebi dilinde Mars planetasyna Myrryh diýilýär.
- Marsda demir oksidiniň köpdügi sebäpli, Ýerden seredilende gyzyl reňkde görünýär. Şol sebäpli bu planeta «Gyzyl planeta» hem diýilýär.
- Mars Gün ulgamynda ululygy boýunça 7-nji orunda durýar. Diametri 6 791 kilometre deň bolan bu planeta göwrümi boýunça Ýeriň altydan birine barabardyr.
- Seýrek atmosferaly bu planetada howa örän sowuk bolup, 20 dereje ýyly, -153 dereje sowuk bolup bilýär.
- Mars Günüň daşyndan 687 gije-gündiziň dowamynda bir gezek aýlaw edýär. Ortaça her 780 gije-gündizden bir gezek Mars Ýeriň garşysyna gelýär. Şonda Mars bilen Ýeriň arasynda uzaklyk 56 million kilometrden 102 million kilometre çenli üýtgäp bilýär. Her 15-17 ýyldan bir gezek Gyzyl planeta Ýeriň has golaýyndan geçip gidýär.
- Gün ulgamyndaky iň uly wulkan Marsda ýerleşip, ol «Olympus Mons» diýlip atlandyrylýar.
- Marsyň iki hemrasy bolup, olar «Phobos» hem-de «Deimos» diýlip atlandyrylýar.
- Marsda bir gije-gündiz 24 sagat 37 minutlap, bir ýyl 687 günläp dowam edýär.
- Geçirilen barlaglara görä, Marsda uly buzluklaryň bardygy çaklanylýar.
- Marsyň ady gadymy rimlileriň uruş hudaýynyň adyndan gelip çykýar. Munuň sebäbi Marsyň gyzyl reňkde bolmagy bilen düşündirilýär.
- Soňky ýyllarda Mars planetasyny öwrenmek maksady bilen kosmos barlaglary has köp geçirilýär. 1976-njy ýylda bu planeta ilkinji kosmos gämisi «Viking Landers» gonduryldy.

**GYZYKLY TAPMAÇA**

3 towuk 3 günde 3 ýumurtga guzlaýar. 9 towuk 9 günde näçe ýumurtga guzlar?



**REŇKLERI OKAMAGA SYNANYŞYŇ!**




**Labirint**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**7 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**



## 21-nji KROSSWORD

**Selim SEÝITGULYÝEW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## № 4 Üç ölçegli surat



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 3

## 22-nji KROSSWORD

**Eset ÖWÜLÝAGULYÝEW,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

**DIKLIGINE:** **1.** Sözlemiň baş agzasy. **2.** Ermenistanyň paýtagty. **3.** «Güýç ..., emel bar» (Paýhas çeşmesi). **4.** Rezin aýakgap. **6.** Aýlaryň biri. **7.** Çöllüklerdäki toýunsow, tekiz düzlükler. **10.** Maldarçylyk bilen meşgullanýan ilat. **11.** Oglan ady. **15.** Bag ösdürip ýetişdirýän adam. **20.** Ýeriň ýokarsynda görünýän gümmez görnüşli giňişlik. **22.** Gemriji jandar. **24.** Kakaň ejesi. **25.** Suwag üçin ýörite edilen palçyk. **27.** Keşdelenip nagyş salnyp bejerilen ýeňli başatgyç. **28.** Bedeniň daşky örtügi, hamy. **29.** Naryň süýji görnüşi. **31.** Gulaga dakylýan bezeg şaý-sepi. **33.** Ýüpek gurçugynyň önümi. **34.** Bir zady, işi ýerine ýetirmeklige gerek bolan başarnyk. **36.** Ak, gara ýüňden örülen ýüp. **41.** Ýabyň, derýanyň suwunyň bölünip ikinji bir ýere akdyrylýan ýeri. **45.** Konditer önümi. **46.** But ýa-da gol süňküniň bişirilen bir bölegi. **47.** Ýewropanyň pul birligi. **48.** Bir bentde gutarnykly many aňladýan dört setirli goşgy. **49.** Oguz hanyň ikinji oglunyň ady. **50.** Gymmatbaha daş. **53.** Gysga aýakly suw guşy. **56.** Agaç deşmek, köwmek üçin ulanylýan ussaçylyk enjamy. **58.** Zäherli we zähersiz süýreniji. **60.** Tutýan meýdany boýunça iň uly döwlet. **61.** Ýurdumyzda bir futbol topary. **63.** Ene keýik. **64.** Öýlenmek maksady bilen gyzyň öýüne söz aýtmak üçin iberilýän adam, sözaýdyjy. **65.** Goşunyň kiçi harby gullukçysy. **76.** Haly önümleriniň ýüzüne salynýan esasy nagyş.

**KESELIGINE:** **5.** Çagalara gözegçilik etmek bilen meşgullanýan gelin-gyz. **8.** Nurbatlary towlamak üçin enjam. **9.** Ekin ekilmän ýatan boz ýer. **12.** Aziýada bir deňiz. **13.** Edep, terbiýe (köne söz). **14.** Ruhanylaryň geýýän dony. **16.** Zähmet guraly. **17.** Aýry-aýry derslere bagyşlanan sapak. **18.** Byçgy (köne söz). **19.** «Özüňe ... görmedigiňi, özgä-de görme» (nakyl). **21.** Aziýada bir döwlet. **23.** Günorta Amerikada bir döwlet. **26.** Suwly ýap. **30.** Frontyň yz tarapy. **32.** ...-ekram, terbiýe. **34.** Atyň kellesine geýdirilýän agyzzyrykly, uzyn goşa gaýyş bagly esbap. **35.** Bugdaý unundan taýýarlanýan önüm. **37.** Okamak, tälim almak netijesinde öwrenilýän hünär. **38.** Kyn, agyr, çylşyrymly. **39.** Arka, ýeňse. **40.** Dessanyň gürrüň görnüşli bölegi. **42.** Ýüňden, pamykdan ýüplük egirmek üçin ýokarsy dilik gözli ýönekeýje gural. **43.** Birinde galan öç. **44.** Hezzet, hormat, sylag (köne söz). **47.** Materik. **51.** Belli türkmen şahyry. **52.** Ýurdumyzda bir teleýaýlym. **53.** «Ýüz hünäri ... bilenden bir hünäri doly bil» (nakyl). **54.** Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanýan ilatly ýer. **55.** Köne mata bölegi. **57.** Ýüz görülýän esbap. **59.** Ösümlikleri we haýwanlary gorap saklamak hem-de köpeltmek üçin goralyp saklanýan ýer. **62.** Gawunyň bir görnüşi. **66.** Önümçilikde, ylymda bir zady ýerine ýetirmek üçin edilýän hereket. **67.** Uzak aralyk, daş. **68.** Sazçylyk mekdeplerinde aýratyn bölüm. **69.** Ýewropada bir derýa. **70.** Ot, ýalyn. **71.** «Ýüz görüp gapyrga ...» (Paýhas çeşmesi). **72.** Dagyň göni, dik galýan kert ýeri. **73.** Günorta Amerikada bir döwlet. **74.** Dagyň arasyndan uzap gidýän pes ýer. **75.** Deňizde asuda howa.

## 12-nji SKANWORD





**Medet AWLIÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 19-njy krosswordyň jogaby:

## 20-nji krosswordyň jogaby:

## SÖZ GOÝMAK

I H T I O Z A W R

**3 HARPLY:** Maý, ege, bug, üme, ýak; **4 HARPLY:** Elek, arfa, Peru, ülke, waka, amal, erki, alma; **6 HARPLY:** Ybadat, semeni, baýtal, dykgat, Koreýa, eklenç, germew, Çehiýa, inelge, eýelik, kompas, lezzet, kapasa, begenç, biwepa, gotika; **7 HARPLY:** Eginbaş, Garagum; **8 HARPLY:** Çalymdaş, güberçek, çekdirme, täsirsiz, heýgenek, gezelenç, maslahat, aladaçyl, Awangard, arakesme, garlawaç, gahryman, keçpelek, Täçmahal, ýumurtga, skumbriý, marganes, ynamdar; **9 HARPLY:** Ýertudana, Markopolo, ~~Ihtiozawr~~

**Wepa ŞYHYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# Çempion uly hasaply ýeňişler bilen möwsüme başlady

Futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 4-nji tapgyryň merkezi oýnunda «Altyn Asyr» myhmançylykda «Ahaldan» Ruslan Täjiýewiň 83-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda üstün çykdy. Soňky 2 ýylyň çempiony «Arkadag» topary AFK-nyň Çagyryş Kubogyna gatnaşýandygy sebäpli ilkinji 3 tapgyry goýbermeli bolupdy. «Arkadag» topary täze möwsümdäki ilkinji 2 duşuşygynda uly hasaply ýeňişler gazandy. 4-nji tapgyryň çäginde «Arkadag» topary «Şagadam» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Gollary Ýhlas Saparmämmedow (1), Arzuwguly Sapargulyýew (15), Didar Durdyýew (47) hem-de Begenç Akmämmedow (60) öz atlaryna ýazdyrdylar. Aşgabatda oýnalan paýtagt derbisinde-de «Aşgabat» topary myhmançylykda «Köpetdagy» 3–2 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Aşgabat» toparynyň gollaryny Bäşim Gurbanberdiýew (25), Begmyrat Pirkulyýew (66), Meýlis Gaýlyýew (86), «Köpetdag» toparynyň gollaryny bolsa Didar Didarow (32) bilen Mežnun Durdyýew (71) derweзä girizdi. «Nebitçi» bilen «Merwiň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri 2–0 hasabynda öňde barýarka, myhman topar 2-nji ýarymda meýdança çykmady. Netijede, «Merw» toparyna tehniki ýeňliş berlip, «Nebitçi» 3 utugyň eýesi boldy.

5-nji tapgyryň çäginde geçirilen 2 duşuşykda «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Merwi» 7–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 9-njy minutda başlanan gol ýagşy 90-njy minutda tamamlandy. Uly hasaply ýeňşiň gollaryny Güýçmyrat Annagulyýew (9 p), Altymyrat Annadurdyýew (23), Begenç Akmämmedow (62), Ýhlas Saparmämmedow (83, 85), Didar Durdyýew (87), Şanazar Tirkişow (90) geçirdi. «Aşgabat» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky duşuşykda-da, paýtagtlylar 2–1 hasabynda üstün çykyp, bassyr 2-nji ýeňşini gazandy (Bäşim Gurbandurdyýew 44, Şatlyk Gurbanow 68 — Myratdurdy Baýramow 12).





# 4 altyn medalyň 3-sini ýer eýeleri gazandy

Figuralaýyn typmak boýunça ABŞ-da geçirilen Dünýä çempionatynda ýerli türgenler öňe saýlandy. Boston şäherinde geçirilen çempionatda erkekleriň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda çempion üýtgemedi. Ýene-de amerikaly Ilia Malin bassyr 2-nji çempionlygyny baýram etdi. 32 utuk öňe saýlanan Malinden soň gazagystanly Mihail Şaidarow kümüş, geçen ýylyň wise-çempiony ýaponiýaly Ýuma Kagiýama bürünç medala mynasyp boldy.

Zenanlaryň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda amerikaly Alisa Liu ýeňiş gazanyp, ol 3 ýyldan bäri altyn medal alyp gelýän ýaponiýaly Kaori Sakamotonyň üstünligine soňky nokady goýdy. Liu 2022-nji ýylda 3-nji ýeri eýeläpdi. 5 utuk aratapawudy bilen bassyr 4-nji çempionlygyny elden gideren Sakamoto bu gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Sakamotonyň watandaşy Mone Çiba 3-nji ýeri eýeledi.

Jübütleriň arasyndaky bäsleşikde ýaponiýaly Riku Miura bilen Rýuiçi Kihara 1 ýyllyk arakesmeden soň ýene-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Geçen gezek bürünç medal alan germaniýaly Minerwa Fabienne Hase bilen Nikita Wolodin bu sapar kümüş medala mynasyp boldy. Olar ýaponiýaly kärdeşlerinden 0,71 utuk az alyp, sähelçe tapawut bilen altyn medaly elden giderdiler. Italiýaly Sara Konti bilen Nikkolo Maçii 2023-nji ýyldan soň ýene-de bürünç medal gazandylar.

Buzda tans etmek ýaryşynda amerikaly Medison Çok bilen Ewan Beýts bassyr 3-nji gezek Dünýäniň çempiony bolmagy başardy. Olar yzly-yzyna 3 çempionlyk gazanan 9-njy jübüt boldular. Ýaryşda bu gezek hem 2-nji orny kanadaly Paýper Gilles bilen Pol Puarýe ikisi eýelediler. Beýik Britaniýaly Lila Fea bilen Lýuwis Gibson ikisi münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.





# 100-nji çempionlygy indiki ýaryşlara galdy

**Tennis boýunça ABŞ-nyň Florida ştatynda geçirilen «Maýami Açyk» «Masters» ýaryşynda erkekleriň arasynda çehiýaly Ýakub Menşik, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy.**

19 ýaşyndaky Menşik finalda ussatlaryň ussady Nowak Jokowiçi 2 setiň dowamynda-da taý-bregiň netijesinde 7:6 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu 19 ýaşyndaky tennisçiniň karýerasyndaky ilkinji çempionlygydyr. 54-nji orunda bolup, çempionlyk gazanan Menşik bu ýaryşyň taryhynda iň pes derejede kubogy eýelän tennisçi diýlip bellige alyndy. Ol bu çempionlykdan soň 24-nji orna beýgeldi. Finalda asgyn gelen 37 ýaşyndaky Jokowiç «Masters» ýaryşlarynda 20-nji gezek 2-nji ýeri eýeledi. 100-nji kubogynyň bosagasyndan gaýdan Jokowiç «Masters» ýaryşlaryndaky ýeňişleri boýunça Rafael Nadalyň rekordyny täzeledi. Ol ýaryşyň 3-nji tapgyrynda 411-nji ýeňşini gazanyp, taryhy rekordy öz adyna geçirdi. Jokowiç bu rekorddan soňam finala çenli geçiren 3 duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, rekordy hasam ösdürdi.

Zenanlaryň arasynda belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy. Ol finalda amerikaly Jessika Peguladan 7:5 we 6:2 hasaplar bilen üstün çykdy. Bu onuň 8-nji «Masters» çempionlygy bolup, ol 19-njy WTA Kubogyny asmana göterdi.



# BU GEZEK TOPARDAŞY 1-nji ORNA MYNASYP BOLDY

Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçirildi. Şäherdäki «Americas» trassasynda geçirilen ýaryşa möwsümiň ilkinji 2 ýaryşynda ýeňiş gazanan Mark Markes ilkinji hatardan bat aldy. Ol bu gezegem ýaryşy 1-nji orunda tamamlamaga golaýlapdy. Ýöne ol goýberen ýalňyşlygyndan soň motosikline erk edip bilmedi we oňa ýaryşy tamamlamak başartmady. Netijede, «Ducati Lenovo» toparynyň başga bir sürüjisi, ýagny Mark Markesiň italiýaly topardaşy Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 39 minut 0,191 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 1-nji, karýerasy boýunça-da 30-njy ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda ýeňijiden 2,089 sekunt yza galan «Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjisi Aleks Markes (Mark Markesiň inisi) 2-nji ýeri eýeledi. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji ikinjiligidir. Münberiň 3-nji basgançagyna-da «Pertamina Enduro VR46 Racing» toparynyň italýan sürüjisi Fabio Di Jennaro çykdy.

3-nji ýaryşdan soň Aleks Markes utugyny 87-ä çykaryp, 1-nji orna beýgeldi. 2-nji ýere düşen Mark Markesiň 86, 3-nji basgançakdaky Banaianyň 75 utugy bar. Möwsümiň 4-nji ýaryşy 13-nji aprelde Kataryň Lusail şäherinde geçiriler.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*4-nji aprel (anna)*

Augsburg – Bawariýa (23:30)

*5-nji aprel (şenbe)*

Ewerton – Arsenal (16:30)
Haýdenhaým – Baýer (18:30)
Fraýburg – Borussiýa D (18:30)
**Real Madrid – Walensiýa (19:15)**
Lokomotiw – Zenit (19:30)
AZ Alkmaar – Feýenoord (19:30)
**PSŽ – Anže (20:00)**
Krasnodar – Akron (21:45)
Parma – Inter (21:00)
Brest – Monako (22:00)
**Milan – Fiorentina (23:45)**
**A. Willa – N. Forest (21:30)**
**Barselona – Betis (00:00)**
Lion – Lill (00:05)

*6-njy aprel (ýekşenbe)*

Brentford – Çelsi (18:00)
**Fulham – Liwerpul (18:00)**
**Sewilýa – Atletiko (19:15)**
**Man. Ýunaýted – Man. Siti (20:30)**
**Atalanta – Lasio (21:00)**
**Fenerbahçe – Trabzonspor (21:00)**
SSKA – Dinamo (21:30)
**Roma – Ýuwentus (23:45)**
**Wilýarreal – Atletik (00:00)**
**Porto – Benfika (00:30)**

*7-nji aprel (duşenbe)*

**Bolonýa – Napoli (23:45)**
Sporting – Braga (00:45)

# ÝEWROPADA KUBOK BÄSLEŞIKLERI











### «Real Madrid» 41-nji, «Barselona» 43-nji gezek finalda

**Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynyň finalynda El Klasiko duşuşygy bolar. Ýagny finalda «Real Madrid» bilen «Barselona» toparlary duşuşarlar. Ýarym finalyň jogap duşuşyklarynda 1-nji oýunlardaky hasaplaryň bu gezek ýeri çalşylyp gaýtalandy.**

Myhmançylykda 1-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» jogap duşuşygynda öz meýdançasynda «Real Sosiedady» kabul etdi. 8 goluň geçirilen oýnunda «Reala» finala çykmak ýeňil düşmedi.

San sebastianlylar Barrenetçeanyň 16-njy minutdaky goly bilen 1–0 öňe geçse-de, 30-njy minutda «Real» Endrigiň ajaýyp goly bilen hasaby deňledi. 2-nji ýarymy, esasanam soňky 20 minuty gol duellosyna öwrülen oýunda «Real Sosiedad» Alabanyň 72-nji minutdaky awtogoly hem-de Oýarzabalyň 80-nji minutdaky goly bilen 3–1 öňe saýlandy. Ruhdan düşmedik «Real» gysga wagta, 82-nji minutda Bellingamyň, 86-njy minutda-da Tçuameniniň gollary bilen hasaby deňledi. 90+3-nji minutda-da Oýarzabal 2-nji goluny geçirdi we san sebastianlylary ýene bir ýola öňe saýlady. Goşmaça wagtyň hem tamamlanmagyna 5 minut galanda, Arda Güleriň burçdan ýerine ýetiren urgusynda topy kellesi bilen derwezä girizen Rüdiger «Realyň» finala çykandygyny mälim etdi. Şunlukda, bu duşuşyk 4–4 hasabynda deňlikde tamamlanyp, 2 oýnuň netijesi boýunça «Real Madrid» 5–4 üstün çykdy we adyny finala ýazdyrdy. Bassyr 2-nji umumylykda-da 41-nji gezek finala çykan «Real Madrid» Ispaniýanyň Şa Kubogyny 20 sapar eýeläpdi.

«Real Madridiň» finaldaky garşydaşy «Barselona» boldy. Öz meýdançasynda 4–4 hasabynda deňme-deň oýnan «Barselona» Madridde «Atletikony» iň kiçi hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 27-nji minutda Ferran Torres geçirdi. Şunlukda, «Barselona» 43-nji gezek finala çykmagy başardy. Kubogy 31 gezek eýelän «Barselona» 11 sapar finalda utuldy. Final duşuşygy 26-njy aprelde Sewilýa şäherindäki «La Cartuja» stadionynda geçiriler.

### Taryhynda ilkinji gezek finalda oýnar

Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda finala 3-nji ligada çykyş edýän «Arminiýa Bilefeld» bilen «Bundesligada» çykyş edýän «Ştutgart» toparlary çykdy. «Arminiýa Bilefeld» topary öz meýdançasynda kubogyň häzirki eýesi «Baýeri» Jonatan Tanyň (17) goluna garşylyk Marius Wörl (20) bilen Maksimillian Grosseriň (45+3) gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Kembekler bilen meşhurlyk gazanan «Baýere» bu gezek 2-nji ýarymda şol däbine eýermek başartmady. Netijede, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Arminiýa» taryhynda ilkinji gezek kubok ýaryşynyň finalynda oýnamaga hukuk gazandy. «Arminiýa» finala gelýänçä «Union Berlin», «Fraýburg», «Werder» hem-de «Baýer» toparlaryny ýeňmegi başardy. «Arminiýa» topary 1-nji ýa-da 2-nji liganyň kluby bolman «Bundesliganyň» wekillerini ýeňip, finala çykan ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy. Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda soňky 24 ýylda ilkinji gezek 3-nji liganyň wekili finala çykdy. Soňky gezek 2001-nji ýylda «Union Berlin» finala çykyp, «Şalkeden» 2–0 hasabynda ýeňlipdi.

«Arminiýa» topary finalda «Ştutgart» bilen duşuşar. «Ştutgart» topary ýarym finalda «Leipsig» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda «Ştutgartyň» gollaryny Stiller (5), Woltemade (57), Leweling (73), myhmanlaryň ýeke-täk goluny bolsa Şeşko (62) geçirdi. «Ştutgart» topary 7-nji gezek finalda oýnar. 1954-nji, 1958-nji we 1997-nji ýyllarda kubogy gazanan «Ştutgart» 1986-njy, 2007-nji hem-de 2013-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi.

Final duşuşygy 24-nji maýda Berlindäki «Olympiastadion»-da geçiriler.

### 48 ýyldan soň finala çykdy

Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda tasdanam garaşylmadyk netije bolup bilerdi. 2-nji liganyň wekili «Dýunkerk» öz meýdançasynda PSŽ bilen duşuşdy. Ilkinji ýarym sagatda ýer eýeleri Sasso (7) we Al-Saadyň (27) gollary esasynda 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne PSŽ 2-nji ýarymda uly kembek edip, ýeňiş gazanmagy başardy. 45-nji minutda Usman Dembele aratapawudy 1 gola düşürse, 2-nji ýarymyň başynda, ýagny 48-nji minutda Markinios hasaby deňledi. 62-nji minutda Dueniň goly bilen öňe geçen PSŽ-niň ýyldyzy Usman Dembele 90+3-nji minutda duşuşykdaky 2-nji pökgüsini salyp, oýna soňky nokady goýdy. 4–2 hasabynda ýeňiş gazanan PSŽ bassyr 2-nji, umumylykda-da 21-nji gezek finala çykdy. PSŽ-niň finaldaky garşydaşy «Reýms» topary boldy. «Reýms» topary ýarym finalda 4-nji ligada çykyş edýän «Kann» toparyny 2–1 hasabynda ýeňdi (Ibrahim 14, Teuma 58 – Ndoýe 52). «Reýms» topary 48 ýyldan soň 4-nji gezek finalda oýnar. Olar mundan öň 1950-nji we 1958-nji ýyllarda kubogy gazanyp, 1977-nji ýylda finalda ýeňlipdi. PSŽ bilen «Reýms» toparlarynyň arasyndaky final 24-nji maýda «Stade de France» stadionynda oýnalar.



Italiýanyň Kubogy ýaryşynda-da ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. «Bolonýa» topary myhmançylykda «Empolini» 3–0 hasabynda ýeňip, finalyň bosagasyndan ilkinji ädimini ätdi. «Bolonýa» toparyna ýeňiş getiren gollary Orsolini (23) bilen Dallinga (29, 51) geçirdi. Milan şäheriniň derbisinde-de «Milan» bilen «Inter» duşuşyp, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Milandan Temmi Abrahamyň 47-nji minutdaky goluna «Inter» 67-nji minutda Hakan Çalhanoglunyň goly bilen jogap berdi. Jogap oýunlary 23-24-nji aprelde oýnalar.

Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynda-da çärýek finalyň duşuşyklary geçirildi. «Kristal Palas» myhmançylykda «Fulhamy» Eze (34), Sarr (38) hem-de Nketianyň (75) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Şol hasap bilen «Aston Willa» hem myhmançylykda «Preston Nort End» toparyndan üstün çykdy (Reşford 58, 63 p, Remzi 71). «Nottingam Forest» topary-da myhmançylykda «Braýtony» 11 metr jerime urgularynyň netijesinde ýaryşdan çykardy (0-0, 3–4 p). «Mançester Siti» topary-da «Bornmuty» 2–1 hasabynda ýeňip, ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy (Holann 49, Marmuş 63 — Ewanilson 21). «Kristal Palas» — «Aston Willa», «Nottingam Forest» — «Mançester Siti» ýarym final duşuşyklary 26–27-nji aprelde oýnalar.

Türkiýäniň Kubogy ýaryşynyň çärýek finalynda «Galatasaraý» myhmançylykda «Fenerbahçeden» Osimheniň gollary bilen 2–1 üstün çykyp, ýarym finala adyny ýazdyrdy. «Konýaspor» topary «Iskenderunspory» 3–0, «Trabzonspor» bolsa «Bodrumy» goşmaça wagtda 3–2 hasabynda ýeňdi. 4-nji ýarym finalçy «Beşiktaş» — «Göztepe» duşuşygynyň ýeňijisi bolar.

### PREMIER LEAGUE (30) — 19 gol

**Arsenal—Fulham: 2–1** (Merino 37, Saka 73 — Muniz 90+4), **Wulwerhempton—West Ham: 1–0** (Strand Larsen 21), **N. Forest—M. Ýunaýted: 1–0** (Elanga 5), **Bornmut—Ipswiç: 1–2** (Ewanilson 68 — Broudhed 34, Delap 60), **Braýton—A. Willa: 0–3** (Reşford 51, Asensio 78, Malen 90+10), **Man. Siti—Lester: 2–0** (Griliş 2, Marmuş 29), **Nýukasl—Brentford: 2–1** (Isak 45+2, Tonali 74 — Mbemo 66 p), **Southempton—K. Palas: 1–1** (Onuaçu 20 — Fransa 90+2), **Liwerpul—Ewerton: 1–0** (Žota 57), **Çelsi—Tottenham**

### LA LIGA (29) — 26 gol

**R. Sosiedad—Walýadolid: 2–1** (Oýarzabal 23, Serhio Gomes 68 — Latasa 90+4), **Espanýol—Atletiko: 1–1** (Puado 71 p — Azpilikueta 38), **Alawes—R. Wallekano: 0–2** (Siss 2, Diaz 58), **Real Madrid—Leganes: 3–2** (Mbappe 32 p, 76, Bellingam 47 — Diego Garsiýa 33, Raba 41), **Hetafe—Wilýarreal: 1–2** (Karles Peres 29 — Aýose Peres 15, Barri 33), **Barselona—Žirona: 4–1** (Kreýçi 43 ö.d., Lewandowski 61, 77, Torres 86 — Danžuma 53), **Atletik—Osasuna: 0–0, Walensiýa—Malýorka: 1–0** (Diego Lopes 50), **Betis—Sewilýa: 2–1** (Kardoso 25, Kuçeo Hernandes 45+3 — Wargas 17), **Selta—Las Palmas: 1–1** (Gonzales 45+2 — Moleýro 48)

### SERIE A (30) — 17 gol

**Komo—Empoli: 1–1** (Duwikas 61 —Kuame 75), **Wenesiýa—Bolonýa: 0–1** (Orsolini 49), **Ýuwentus—Jenoa: 1–0** (Ýyldyz 25), **Leçce—Roma: 0–1** (Dowbyk 80), **Kaliari—Monza: 3–0** (Wiola 49, Gaetano 73, Luwumbu 90+1), **Fiorentina—Atalanta: 1–0** (Ken 45), **Inter—Udineze: 2–1** (Arnautowiç 12, Frattezi 29 — Sole 71), **Napoli—Milan: 2–1** (Politano 2, Lukaku 19 — Ýowiç 84), **Werona—Parma: 0–0, Lasio—Torino: 1–1** (Maruşiç 68 — Gineýtis 82)

### BUNDESLIGA (27) — 24 gol

**Baýer—Bohum: 3–1** (Aleş Garsiýa 20, Bonifeýs 60, Adli 87 — Passlak 26), **Bawariýa—Sankt-Pauli: 3–2** (Keýn 17, Sane 53, 71 — Saad 27, Ritska 90+3), **Hoffenhaým—Augsburg: 1–1** (Kramariç 71 p — Essende 46), **Wolfsburg—Haýdenhaým: 0–1** (Piringer 16 p), **Borussiýa M—Leipsig: 1–0** (Plea 56), **Holştaýn—Werder: 0–3** (Dukş 25, Agu 59, Grüll 90+3), **Aýntraht—Ştutgart: 1–0** (Gýotse 71), **Fraýburg—Union Berlin: 1–2** (Höler 29 — Hedira 30, Iliç 48), **Borussiýa D—Maýns: 3–1** (Baýer 39, 72, Jan 42 — Nebel 76)

### LIGUE 1 (27) — 36 gol

**Strasbur—Lion: 4–2** (Santos 55, Bakwa 60, Emegha 74, Amo-Ameýo 89 — Tolisso 62, Mikautadze 90+7 p), **Reýms—Marsel: 3–1** (Nakamura 29, Diakon 52, Atangana 69 — Ronžie 78), **Sent-Etien—PSŽ: 1–6** (Stassen 9 — Ramuş 43 p, Kwarasheliýa 50, Due 53, 67, Neweş 62, Mbaý 90), **Monako—Nissa: 2–1** (Biret 55, Embolo 73 – Boga 41), **Tuluza—Brest: 2–4** (Burgo 22, Pereýra Laže 26 — Dumbiýa 62, Sierro 65, King 78, Kamara 90), **Anže—Renn: 0–3** (Kalimuendo 13, 90+5, Kone 70), **Oser—Monpelie: 1–0** (Aýe 82), **Le Hawr—Nant: 3–2** (Ture 13 p, 27 p, Pembele 88 — Sou 23, Simon 48), **Lill—Lans: 1–0** (Fernandes-Pardo 19)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 30 | 22 | 7 | 1 | 70-27 | 73 |
| 2 | ARSENAL | 30 | 17 | 10 | 3 | 55-25 | 61 |
| 3 | N. FOREST | 30 | 17 | 6 | 7 | 50-35 | 57 |
| 4 | MAN. SITI | 30 | 15 | 6 | 9 | 57-40 | 51 |
| 5 | NÝUKASL | 29 | 15 | 5 | 9 | 49-39 | 50 |
| 6 | ÇELSI | 29 | 14 | 7 | 8 | 53-37 | 49 |
| 7 | ASTON WILLA | 30 | 13 | 9 | 8 | 44-45 | 48 |
| 8 | BRAÝTON | 30 | 12 | 11 | 7 | 48-45 | 47 |
| 9 | FULHAM | 30 | 12 | 9 | 9 | 44-40 | 45 |
| 10 | BORNMUT | 30 | 12 | 8 | 10 | 49-38 | 44 |
| 11 | BRENTFORD | 30 | 12 | 5 | 13 | 51-47 | 41 |
| 12 | KRISTAL PALAS | 29 | 10 | 10 | 9 | 37-34 | 40 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 30 | 10 | 7 | 13 | 37-41 | 37 |
| 14 | TOTTENHAM | 29 | 10 | 4 | 15 | 55-43 | 34 |
| 15 | EWERTON | 30 | 7 | 13 | 10 | 32-37 | 34 |
| 16 | WEST HAM | 30 | 9 | 7 | 14 | 33-50 | 34 |
| 17 | W. HEMPTON | 30 | 8 | 5 | 17 | 41-58 | 29 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 30 | 4 | 8 | 18 | 30-63 | 20 |
| 19 | LESTER SITI | 30 | 4 | 5 | 21 | 25-67 | 17 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 30 | 2 | 4 | 24 | 22-71 | 10 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 27 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 21 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 20 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 18 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 16 |

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 29 | 21 | 3 | 5 | 82-28 | 66 |
| 2 | REAL MADRID | 29 | 19 | 6 | 4 | 62-29 | 63 |
| 3 | ATLETIKO M | 29 | 16 | 9 | 4 | 47-23 | 57 |
| 4 | ATLETIK B | 29 | 14 | 11 | 4 | 46-24 | 53 |
| 5 | BETIS | 29 | 13 | 8 | 8 | 40-36 | 47 |
| 6 | WILÝARREAL | 28 | 13 | 8 | 7 | 51-39 | 47 |
| 7 | R. WALLEKANO | 29 | 10 | 10 | 9 | 33-31 | 40 |
| 8 | SELTA | 29 | 11 | 7 | 11 | 42-42 | 40 |
| 9 | MALÝORKA | 29 | 11 | 7 | 11 | 28-35 | 40 |
| 10 | R. SOSIEDAD | 29 | 11 | 5 | 13 | 27-31 | 38 |
| 11 | SEWILÝA | 29 | 9 | 9 | 11 | 33-39 | 36 |
| 12 | HETAFE | 29 | 9 | 9 | 11 | 26-25 | 36 |
| 13 | ŽIRONA | 29 | 9 | 7 | 13 | 37-45 | 34 |
| 14 | OSASUNA | 29 | 7 | 13 | 9 | 33-42 | 34 |
| 15 | WALENSIÝA | 29 | 7 | 10 | 12 | 32-46 | 31 |
| 16 | ESPANÝOL | 28 | 7 | 8 | 13 | 27-40 | 29 |
| 17 | ALAWES | 29 | 6 | 9 | 14 | 32-44 | 27 |
| 18 | LEGANES | 29 | 6 | 9 | 14 | 28-46 | 27 |
| 19 | LAS PALMAS | 29 | 6 | 8 | 15 | 33-48 | 26 |
| 20 | WALÝADOLID | 29 | 4 | 4 | 21 | 19-65 | 16 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 25 |
| 2 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 22 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 15 |
| 4 | RAFINÝA (Barselona) | 13 |
| 5 | Oýan SANSET (Atletik) | 13 |

ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 30 | 20 | 7 | 3 | 67-28 | 67 |
| 2 | NAPOLI | 30 | 19 | 7 | 4 | 47-24 | 64 |
| 3 | ATALANTA | 30 | 17 | 7 | 6 | 63-29 | 58 |
| 4 | BOLONÝA | 30 | 15 | 11 | 4 | 50-34 | 56 |
| 5 | ÝUWENTUS | 30 | 14 | 13 | 3 | 46-28 | 55 |
| 6 | ROMA | 30 | 15 | 7 | 8 | 45-30 | 52 |
| 7 | LASIO | 30 | 15 | 7 | 8 | 51-42 | 52 |
| 8 | FIORENTINA | 30 | 15 | 6 | 9 | 47-30 | 51 |
| 9 | MILAN | 30 | 13 | 8 | 9 | 45-35 | 47 |
| 10 | UDINEZE | 30 | 11 | 7 | 12 | 36-41 | 40 |
| 11 | TORINO | 30 | 9 | 12 | 9 | 35-35 | 39 |
| 12 | JENOA | 30 | 8 | 11 | 11 | 28-38 | 35 |
| 13 | KOMO | 30 | 7 | 9 | 14 | 36-47 | 30 |
| 14 | WERONA | 30 | 9 | 3 | 18 | 29-58 | 30 |
| 15 | KALIARI | 30 | 7 | 8 | 15 | 31-44 | 29 |
| 16 | PARMA | 30 | 5 | 11 | 14 | 35-49 | 26 |
| 17 | LEÇÇE | 30 | 6 | 7 | 17 | 21-49 | 25 |
| 18 | EMPOLI | 30 | 4 | 11 | 15 | 24-47 | 23 |
| 19 | WENESIÝA | 30 | 3 | 11 | 16 | 23-43 | 20 |
| 20 | MONZA | 30 | 2 | 9 | 19 | 24-52 | 15 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 22 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 16 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 13 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 11 |

GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 27 | 20 | 5 | 2 | 78-26 | 65 |
| 2 | BAÝER | 27 | 17 | 8 | 2 | 62-34 | 59 |
| 3 | AÝNTRAHT | 27 | 14 | 6 | 7 | 55-40 | 48 |
| 4 | MAÝNS | 27 | 13 | 6 | 8 | 45-31 | 45 |
| 5 | BORUSSIÝA M | 27 | 13 | 4 | 10 | 44-40 | 43 |
| 6 | LEIPSIG | 27 | 11 | 9 | 7 | 41-34 | 42 |
| 7 | FRAÝBURG | 27 | 12 | 6 | 9 | 37-40 | 42 |
| 8 | AUGSBURG | 27 | 10 | 9 | 8 | 30-36 | 39 |
| 9 | WOLFSBURG | 27 | 10 | 8 | 9 | 49-41 | 38 |
| 10 | BORUSSIÝA D | 27 | 11 | 5 | 11 | 48-42 | 38 |
| 11 | ŞTUTGART | 27 | 10 | 7 | 10 | 47-44 | 37 |
| 12 | WERDER | 27 | 10 | 6 | 11 | 43-53 | 36 |
| 13 | UNION BERLIN | 27 | 8 | 6 | 13 | 25-40 | 30 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 27 | 6 | 9 | 12 | 33-49 | 27 |
| 15 | SANKT-PAULI | 27 | 7 | 4 | 16 | 22-33 | 25 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 27 | 6 | 4 | 17 | 32-52 | 22 |
| 17 | BOHUM | 27 | 5 | 5 | 17 | 28-55 | 20 |
| 18 | HOLŞTAÝN | 27 | 4 | 5 | 18 | 38-67 | 17 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 22 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 17 |
| 3 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 15 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 15 |
| 5 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 15 |

FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 27 | 22 | 5 | 0 | 79-26 | 71 |
| 2 | MONAKO | 27 | 15 | 5 | 7 | 53-33 | 50 |
| 3 | MARSEL | 27 | 15 | 4 | 8 | 54-36 | 49 |
| 4 | NISSA | 27 | 13 | 8 | 6 | 51-33 | 47 |
| 5 | LILL | 27 | 13 | 8 | 6 | 41-28 | 47 |
| 6 | STRASBUR | 27 | 13 | 7 | 7 | 45-35 | 46 |
| 7 | LION | 27 | 13 | 6 | 8 | 52-37 | 45 |
| 8 | BREST | 27 | 12 | 4 | 11 | 42-42 | 40 |
| 9 | LANS | 27 | 11 | 6 | 10 | 31-30 | 39 |
| 10 | OSER | 27 | 9 | 8 | 10 | 38-39 | 35 |
| 11 | TULUZA | 27 | 9 | 7 | 11 | 35-33 | 34 |
| 12 | RENN | 27 | 10 | 2 | 15 | 38-37 | 32 |
| 13 | NANT | 27 | 6 | 9 | 12 | 31-46 | 27 |
| 14 | ANŽE | 27 | 7 | 6 | 14 | 26-45 | 27 |
| 15 | REÝMS | 27 | 6 | 8 | 13 | 29-41 | 26 |
| 16 | LE HAWR | 27 | 7 | 3 | 17 | 29-57 | 24 |
| 17 | SENT-ETIEN | 26 | 5 | 5 | 16 | 26-63 | 20 |
| 18 | MONPELIE | 26 | 4 | 3 | 19 | 21-60 | 15 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 21 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 15 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 14 |
| 4 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 13 |
| 5 | Arno KALIMUENDO | 13 |

# PSŽ çempion diýen ýaly

**Fransiýanyň çempionatynda** tasdanam mart aýynyň soňky günlerinde çempion belli bolýardy. Myhmançylykda «Sent-Etien» bilen duşuşan PSŽ garşydaşyny olaryň öňe geçendigine garamazdan, 6–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



Stasseniň 9-njy minutdaky goly bilen hasaby açan «Sent-Etien» topary öňe saýlananyna puşman etdi. 1-nji ýarymyň ahyrynda Ramuşyň penalti goly bilen hasaby deňlän parižlileriň beýleki gollaryny Kwarasheliýa, Due (2), Neweş hem-de Mbaý öz atlaryna ýazdyrdy. Bu duşuşykdan soň oýnalan «Monako» — «Nissa» duşuşygynda ýer eýeleri Biretiň hem-de Embolonyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşyk deňlikde tamamlanan bolsady, onda PSŽ nobatdaky çempionlygyny yglan ederdi. Başgaça aýdylanda, PSŽ nobatdaky tapgyrda deňme-deň oýnasa ýa-da «Monako» ýeňilse, parižliler wagtyndan öň çempionlygyny yglan eder.

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» öz meýdançasynda «Žironany» 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji duşuşykda-da şol hasap bilen ýeňen katalonlaryň gollaryny Kreýçi (ö.d.), Lewandowski (2) hem-de Ferran Torres geçirdi. «Real Madrid» öz meýdançasynda «Leganesi» myhmanlaryň 2–1 hasabynda öňe geçendigine garamazdan, ýeňmegi başardy. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan madridlileriň gollarynyň 2-sini Kilian Mbappe, beýlekisini-de Bellingam geçirdi. «Espanýol» bilen «Atletiko» 1–1, «Atletik» bilenem «Osasuna» 0–0 hasabynda deňme-deň oýnady.

**Angliýanyň çempionatynda** Mersisaýd derbisinde «Liwerpul» öz meýdançasynda «Ewertondan» Žotanyň 57-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen üstün çykyp, 12 utuklyk aratapawudy saklamagy başardy. «Liwerpul» «Ewertony» 100-nji gezek ýeňlişe sezewar etdi. «Arsenal» «Fulhamy» Merino hem-de şikesden saplanan Sakanyň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. «Nottingam Forest» topary öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» mankunianlaryň ozalky futbolçysy Elanganyň 5-nji minutda geçiren goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Nottingam Forest» topary «Mançester Ýunaýtedi» 32 ýyldan soň ilkinji gezek bir möwsümiň 2 oýnunda-da ýeňmegi başardy.

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýa» Keýniň hem-de Saneniň (2) gollary bilen «Sankt-Pauli» toparyny 3–2 hasabynda ýeňdi. Çempion «Baýer» hem öz meýdançasynda «Bohum» toparyndan Garsiýa, Bonifeýs hem-de Adliniň gollary esasynda 3–1 hasabynda üstün çykdy. Şol hasap bilen «Borussiýa Dortmund» hem «Maýnsy» ýeňmegi başardy. Dortmundlylaryň gollarynyň 2-sini Maksimillian Baýer öz adyna ýazdyrdy. «Borussiýa M» toparyndan Pleanyň ýeke-täk goly esasynda asgyn gelen «Leipsig» topary tälimçisi Mark Roseni wezipesinden boşatdy.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Udinezeni» Arnautowiçiň hem-de Fratteziniň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy. «Napoli» hem şol hasap bilen «Milany» ýeňdi. Duşuşykda «Napoliniň» gollaryny Politano bilen Lukaku geçirse, «Milanyň» adyndan Ýowiç tapawutlandy. Şu ýyla geçip ýeňilmän gelýän «Roma» myhmançylykda «Leççeni» Dowbygyň, «Fiorentina» öz meýdançasynda «Atalantany» Moýza Keniň, «Ýuwentus» bolsa «Jenoany» Kenan Ýyldyzyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

## Магазин запчастей для бытовой техники

## РЕАЛИЗУЕМ:

- фреон для автомобильных кондиционеров;
- фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
- моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
- моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
- электродвигатели для пылесосов;
- запасные части для стиральных машин.






**Тел.: 96-07-67, (865) 09-57-67, (863) 30-81-01.**

H/K 101122504908



## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

# Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin «VISA» we «Master Card» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen raýatlarymyz bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler.

**Hormatly ildeşler!** «Onlaýn halkara töleg» ulgamy hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-03-04,** (+993 12) **44-35-74.**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.



## HALY DÜKANYMYZA HOŞ GELDIŇIZ!




Balkanabat ş.
+993 64 96-51-67
Aşgabat ş.
+993 62 66-11-00
Mary ş. Aýlaw ýoly
+993 63 07-91-70
Mary ş. Murgap ýolunyň ugry
+993 62 20-70-60
Türkmenabat ş.
+993 64 70-06-68
Daşoguz ş.
+993 64 84-67-53
Tejen ş. +993 63 91-28-82

Eger haly laýyk bolmasa, TMT gysga wagtyň içinde çalşyp bilersiňiz
Siz elmydama halyny satyn almazdan öň görüp bilersiňiz
200-den gowrak görnüş
Bezegçiniň hyzmaty
Kesmek we owerloklamak
Ölçäp bermek hyzmaty mugt
Eltip bermek hyzmaty mugt
Menejerler eltip bermek üçin size amatly bolan wagty saýlaýar
2008-nji ýyldan bäri bazarlarda öňdebaryjy orny eýeledik




- Aşgabat ş. 2127 G.Gulyýew köçesiniň ugrundaky «Ýaş türkmenler» söwda toplumy, «Arzuw Haly» dükany.

Iş wagty: 8:30-dan 20:30-a çenli
Arakesme diňe anna güni 13:30-dan 15:00-a çenli

- Balkanabat şäheri, kw. 89, Gara Ahun metjidiniň ýany, «Arzuw Haly» dükany.
- Mary şäheri, Murgap awtomobil ýolunyň ugry, «Arzuw Haly» dükany.
- Türkmenabat şäheri, Azatlyk köçesi, 3-nji kwartal «Saraý» söwda merkezi, «Arzuw Haly» dükany.
- Daşoguz şäheri, Bitaraplyk köçesi, «Arzuw Haly» dükany.
- Mary şäheri, Aýlaw ýolunyň ugry, «Arzuw Haly» dükany.

ARZUW HALY

*Adamlara mähirli, mylakatly bolmak ýakymlydyr – şonuň üçin biz has gowy hyzmat etmäge çalyşýarys*

ashgabat_arzuw_haly | ashgabat_arzuw_haly | arzuwhalyashgabat@mail.ru

S/B: 604122509010



ZAMAN TÜRKMENISTAN

Ýurdumyzyň zehinli ýaşlaryny ýüze çykarmak maksady bilen, Ylymlar güni mynasybetli «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan döredijilik bilen meşgullanýan orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşigi yglan edilýär.

# «TALYP YLHAMY»

## DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGI

### BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIŞ TERTIBI:

- bäsleşik talyp ýaşlaryň arasynda yglan edilýär.
- bäsleşik gysga hekaýa (erkin temada) ýazmak boýunça geçirilýär.
- bäsleşige hödürlenýän hekaýalar gysga bolmaly we Word formatynda ugradylmaly.
- bäsleşige gatnaşyjylar eserlerini «Talyp ylhamy» döredijilik bäsleşigine» diýen ýazgy bilen, özleri baradaky maglumatlary (adyny, familiýasyny, okaýan okuw mekdebini, näçenji ýyl talypdygyny we telefon belgisini) ýazyp, «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron poçtasyna ibermeli;
- bäsleşige hödürlenen eserler **1-nji aprelden 31-nji maý** aralygynda kabul ediler we eserleriň iň gowulary eminler topary tarapyndan kesgitlener.

### BÄSLEŞIGI JEMLEMEGIŇ TERTIBI:

- bäsleşik Ylymlar gününe bagyşlanyp jemlener.
- bäsleşikde 1 sany baş baýrak;
- 1 sany 1-nji orun;
- 2 sany 2-nji orun;
- 3 sany 3-nji orun;
- şeýle hem höweslendiriji baýraklar bellenilen.
- bäsleşigiň guraýjylary tarapyndan ýeňijilere Hormat hatlary we dürli sowgatlar gowşurylar.

**BIZIŇ SALGYMYZ:**
Aşgabat şäheri,
1908 (Gündogar köçesi), 10-A jaýy.

**E-MAIL SALGYSY:**
zamanturkmenistan@sanly.tm

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILER:**
«Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy: 28-14-05, 28-14-36.
Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi: 44-89-99, 44-88-81.